TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DAÝHANLARYMYZYŇ ÇEKÝÄN YHLASLY, TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA OBA HOJALYK EKINLERINIŇ BOL HASYLY ÖSDÜRILIP ÝETIŞDIRILÝÄR, AZYK HOWPSUZLYGY ÜPJÜN EDILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
21-nji iýun, 2024. Belgisi 25/1591

# GALLA ORAGY MÖWSÜMI GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR



*Ýurdumyzda möhüm oba hojalyk möwsümi bolan galla oragy gyzgalaňly dowam edýär. Oba hojalykçylaryň galla oragy möwsümine ähli taraplaýyn ykjam taýýarlyk görmegi, orak möwsüminde ähli işçi düzümiň sazlaşykly alnyp barylmagyna, kärendeçileriň ýylyň dowamynda çeken päk zähmetiniň netijesinde ýetişen hasyly çalt we ýitgisiz ýygnap Watan harmanyna tabşyrmaga uly mümkinçilik berýär. Munuň şeýledigine orak geçirilen ýerleriň gektar sanynyň barha artýandygy, galla harmanlarymyzyň gün-günden beýgelýändigini mysalynda hem aýdyň görmek bolýar.*

31-nji maýda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde tassyklanan tertibe laýyklykda, Ahal, Lebap, Mary welaýatlarynyň ekerançylary galla oragyna 7-nji iýunda, Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň gallaçylary bolsa 14-nji iýunda girişdiler. Şu ýyl türkmen gallaçylaryna bugdaýy ösdürip ýetişdirmek üçin bölünip berlen 690 müň gektar ýerden 1 million 400 müň tonna, şol sanda Ahal welaýatynda 400 müň, Mary welaýatynda 345 müň, Lebap welaýatynda 310 müň, Daşoguz welaýatynda 265 müň, Balkan welaýatynda hem 80 müň tonna galla hasylyny ýygnap almak wezipesi öňde goýuldy.

Sebitleriň ekerançylary ekiş möwsüminiň dowamynda bugdaýyň welaýatlaryň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän, ýokary hasylly görnüşlerini ekdiler. 2024-nji ýylyň galla oragynda däne ýygyjy kombaýnlardan, döwrebap ýokary öndürijilikli tehnikalardan peýdalanylýar. Obasenagat toplumyna gelip gowuşýan galla kombaýnlarynyň enjamlaşdyrylyş derejesiniň, öndürijilik kuwwatynyň ýokary halkara ülňülere doly laýyk gelýändigini bellemek gerek. Sanly ulgam arkaly dolandyrylýan kombaýnlarda mehanizatorlaryň öndürijilikli işiniň üpjün edilmeginde möhüm ähmiýeti bolan ähli zerur şertler göz öňünde tutulypdyr.

Orak döwründe göçme abatlaýyş-mehaniki toparlar gallaçylara gije-gündiz hyzmat edip, olary ähli zerurlyklar – ýangyç-çalgy ýaglary, ätiýaçlyk şaýlary bilen üpjün edýär. Mehanizatorlar, sürüjiler, oraga gatnaşýan beýleki işgärler üçin zähmeti goramak we ýangyn howpsuzlygy boýunça gözükdirme işleri geçirildi. Meýdan düşelgelerinde olaryň talabalaýyk zähmet çekmekleri, dynç almaklary babatda zerur şertler döredildi. Medeniýet işgärleriniň çykyşlary, göçme söwda nokatlarynyň işi guraldy. Ýygnalyp alnan hasylyň kabul ediş bölümlerine, ammarlara we elewatorlara daşalmagyny ýük awtoulaglary üpjün edýär. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň barlaghanalary önjeýli işleýärler. Olaryň hünärmenleri iň täze enjamlaryň kömegi bilen meýdanlardan gelip gowuşýan dänäniň hilini dessin kesgitleýärler.

15-nji iýunda hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň günbatar sebitine iş saparyny amala aşyryp, welaýatlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi hem-de galla oragynyň depgini bilen tanyşdy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy «Arkaç» daýhan birleşiginiň kärendeçileri doganlar Annaguly we Aşyrguly Annagulyýewleriň yhlasy bilen ýetişdiren bugdaý hasylynyň oragyna başlamaga ak pata berdi.

Ekerançylaryň tutanýerli zähmeti bilen ýetişdirilen bol hasyly ýygnamagyň ýokary depginleri ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek, ilatyň azyk önümlerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak boýunça çäreleriň netijeliliginiň aýdyň görkezijisidir, şeýle hem öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň baş şertidir. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, häzirki wagtda öňde duran möhüm wezipe galla oragy möwsümini ýokary derejede we guramaçylykly geçirmekden ybaratdyr. Munuň özi sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Watanymyzyň abadançylygynyň, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilen işleriň netijeli bolmagyny üpjün eder.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen oba hojalygy pudagynda ýaýbaňlandyrylan maksatnamalaýyn işler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda hil taýdan täze derejä çykarylýar. Obasenagat toplumynyň düzümleriniň hem-de hyzmat edýän pudaklaryň tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagyna, döwrebaplaşdyrylmagyna, elewatorlaryň, gaýtadan işleýän oba hojalyk kärhanalarynyň, mineral dökünleri öndürýän zawodlaryň, suw hojalyk desgalarynyň gurluşygyna maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär. Bu işler ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegi babatda möhüm wezipeleriň üstünlikli çözülmegine ýardam berýär. Oba hojalygyny mundan beýläk-de okgunly ösdürmek üçin uly mümkinçilikler açylýar.

Türkmenistanda azyk üpjünçiligini pugtalandyrmak, oba hojalygynda geçirilýän özgertmeleri has-da kämilleşdirmek, bu ugurdaky işleri döwrebap usulda guramak we pudaga hususy önüm öndürijileri giňden çekmek işleri maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar. Olar üçin oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça ýörite ýer gaznalary yzygiderli döredilýär. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere dünýäde meşhur kompaniýalaryň ýokary öndürijilikli tehnikalaryny we gurallaryny, önümçilik kärhanalary üçin döwrebap enjamlary satyn almaklary, önümçilige öňdebaryjy tejribeleri giňden ornaşdyrmaklary babatda ähli şertler döredilýär. Oba hojalygynda iş alyp barýan hususy önüm öndürijiler üçin amatly şertleri döretmäge we olary maliýe taýdan goldamaga hem uly ähmiýet berilýär. Obasenagat toplumyndaky özgertmeler hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň önüm öndürijilerini hemmetaraplaýyn goldamaga gönükdirilen çuňňur oýlanyşykly strategiýasynyň aýrylmaz bölegidir. Netijede, daýhanlarymyz täze ýerleri özleşdirmegiň, ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmagyň hasabyna oba hojalyk önümlerini ösdürip ýetişdirmek ugrunda yhlasly zähmet çekýärler. Şeýlelikde, azyk bolçulygy üpjün edilýär, halkymyzyň we her bir maşgalanyň abadançylyk derejesi ýokarlandyrylýar.

Bu ulgamda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeler dürli görnüşli oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň hasabyna daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmäge hem-de obasenagat toplumynyň eksport kuwwatyny artdyrmaga gönükdirilendir. Bu bolsa milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk-de kuwwatlanmagynda, halkymyzyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda has-da möhümdir.







## Ylym – adamzadyň geljegi

***Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr». Şu nukdaýnazardan bu gün ýurdumyzda ylym binýadyny pugtalandyrmakda alnyp barylýan işleriň ähmiýeti diýseň uludyr. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň ägirt uly ylmy-döredijilik mümkinçiliklerini ösdürmek, alymlarymyzyň täze ylmy açyşlarynyň, oýlap tapmalarynyň halkara derejesinde ykrar edilmegini hem-de ýurdumyzyň ylym ulgamynyň dünýäniň ylmy giňişliginde üstünlikli goşulmagyny gazanmak babatdaky bimöçber işleri ulus-ilimizde çäksiz buýsanç duýgusyny döredýär.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda her ýylyň 12-nji iýuny milli senenamamyzda Ylymlar güni hökmünde orun aldy. Ýurdumyzda indi ençeme ýyldan bäri Ylymlar güni giňden bellenilip geçilýär. Bu sene mynasybetli ylmy maslahatlar geçirilýär, bäsleşikler guralýar. Ylmy ösdürmek, alymlarymyzy goldamak we höweslendirmek maksady bilen ýaş alymlaryň



arasynda guralýan ylmy işleriň bäsleşigi hem şeýle çäreleriň biridir. Bu bäsleşigiň ýaşlarymyzyň öwrenmegi, döretmegi, ylmy işler bilen meşgullanmagy we täze açyşlary etmegi babatdaky ähmiýeti örän uludyr.

Ýurdumyzda ylma we onuň ösüşine aýratyn orun berilýändigi Ylymlar gününiň giňden bellenen çagynda has aýdyň ýüze çykdy. ■ 3

## Talyp ýaşlar bilimlerini iş tejribesinde özleşdirýärler

***Tomsuň sapaly günlerinde güneşli Diýarymyzda çagalygyň arzyly pursady – tomusky dynç alyş möwsümi ýakymly we ýatda galyjy pursatlara beslenip dowam edýär. Ýurdumyzyň ähli ýerlerindäki çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri ruhubelent çagalara şatlykly pursatlary eçilip, ýatdan çykmajak ýatlamalary bagyş edýär. Bu ýerde dynç alýan bagtyýar çagalaryň arasynda geçirilýän dürli medeni-çäreler, döredijilik bäsleşikleridir duşuşyklar bolsa, giň gerime eýe bolýar.***

Çagalary doly derejede dynç almak üçin ähli şertler döredilen sagaldyş merkezleriniň binalaryna ýerleşdirdiler. Olarda ýaş nesliň wagtyny gyzykly we peýdaly geçirmekleri üçin ähli zerur şertler döredilendir. Merkezlerde oýun oýnamak, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin meýdançalar, tans zallary, kompýuter otaglary, el iş gurnaklary, teatr, şekillendiriş sungaty otaglary, kitaphanalar bar.



Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Bilim, Medeniýet, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, jemgyýetçilik guramalarynyň hünärmenleri çagalaryň tomusky dynç alşyny guramaga hemmetaraplaýyn taýýarlyk gördüler. ■ 3

## Energetika pudagy – senagat önümçiliginiň binýady

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe energetika pudagynyň ösdürilmegi eziz Watanymyzyň ykdysady ösüşiniň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. 5-nji iýunda hormatly Prezidentimiziň Daşoguz welaýatyna iş saparynyň dowamynda täze energetika desgasynyň – Balkan – Daşoguz ugry boýunça täze howa elektrik geçirijisiniň hem-de her biriniň güýjenmesi 500 kilowolt bolan elektrik beketlerini işe girizmek mynasybetli dabaralara gatnaşmagy bu işleriň yzygiderli, depginli ösüşe eýedigine şaýatlyk edýän taryhy waka boldy.***

Milli ykdysadyýetimiziň depginli ösüşinde energetika pudagy wajyp orny eýeleýär. Şundan ugur alnyp, pudagy ösdürmäge gönükdirilen ägirt uly maýa goýumlaryň netijesinde, elektroenergetika senagatynyň önümçilik kuwwatyny artdyrmakda, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmakda düýpli öňegidişlikler gazanylýar.



Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlaryndan gözbaş alýan bu özgertmeler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe üstünlikli dowam etdirilýär. Ýurdumyzda halkalaýyn energoulgamy döretmekde durmuşa geçirilýän tutumlar muňa anyk mysallaryň biridir. ■ 3

### Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlary

Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlaryna gatnaşyjylary kabul etmäge taýýarlyk görülýär. Bu ýylky sport çäreleri 8-15-nji sentýabr aralygynda «Uly sährada duşuşyk» şygary astynda geçiriler. ■ 4

### Garpyz – jana şypaly bakja önümi

Tomus paslynyň gelmegi bilen ak bazarlaryň bezegine öwrülýän garpyz jana şypaly bakja önümleriniň biridir. Garpyzyň dünýäde 1 müň 200-den gowrak görnüşi bolup, ata Watany Afrika hasaplanýar. ■ 5

### 17-nji Ýewropa çempionaty dowam edýär

Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionaty ýokary depginde dowam edip, toparçalardaky 1-nji aýlawyň duşuşyklary tamamlandy. ■ 7

### 48-nji Kopa Amerika

Futbol boýunça milli ýygyndylaryň arasyndaky iň gadymy ýaryş hasaplanýan Kopa Amerika – Günorta Amerikanyň çempionaty ABŞ-da geçirilýär. Soňky çempion Argentina bilen Kanadanyň arasyndaky duşuşyk 48-nji Kopa Amerika ýaryşynyň ilkinji oýny bolar. ■ 8

## Maýa goýumyň üçden birini çekdi



Pandemiýadan soňky döwürde ABŞ global maýa goýumyň üçden birini özüne çekdi. Halkara pul gaznasynyň maglumatlaryna görä ABŞ pandemiýadan ozal global maýanyň 18 göterimini alýardy. ABŞ-nyň maýa goýumy çekmeginde ýurtda gaýtadan dikeldilýän energiýa we ýarymgeçiriji önümçiligine goldaw berýän kanunyň güýje girmeginiň täsirli bolandygy bellenilýär. Mysal üçin, Günorta Koreýanyň «Samsung Electronics» kompaniýasy Tehasdaky çip önümçiligini artdyrmak üçin 6,4 milliard dollar goldaw alypdyr.

**Arzuw GUWANJOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Ýangyn howpsuzlygynda berjaý edilmeli düzgünler

Oduň gözegçiliksiz galdyrylmagy adama we daşky gurşawa düýpli zeper ýetirip bilýär. Şonuň üçin, jemgyýetiň her bir agzasy ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek meselesine has oýlanyşykly we jogapkärli çemeleşmelidir. Durmuşda häzirki zaman elektrik enjamlary işjeň ýagdaýda ulanylýar. Köplenç ýangyn howpuna gündelik ulanylýan enjamlaryň işledilip, gözegçiliksiz galdyrylmagy sebäp bolýar.

Öýden, iş ýerlerinden çykmazdan öň, otaglary gözden geçirmegi unutmaly däl. Otaglarda bar bolan ähli elektrik birikdirijileriň boşdugyna, elektrik gyzdyryjy enjamlaryň ýanyjy materiallaryň üstünde durmaýandygyna, olaryň gyzgynlyk berijileriniň ýanyjy materiallara degmeýändigine doly göz ýetirmeli. Aşhana otagy gözden geçirilende gaz, elektrik plitalaryň öçürilendigine üns bermeli. Şemal arkaly ýokarky gatlardan dürli galyndylar otaga girmez ýaly penjireleri doly ýapmaly.

Eýeçiligiň görnüşine garamazdan binalardyr desgalaryň we olaryň çäkleriniň ählisinde şu hereketler gadagan edilýär: işiň ahyrynda bölümlerdir beýleki önümçilik jaýlaryny arassalaman galdyrmak, işjeň ýagdaýdaky elektrik enjamlary, gurallary, elektrik kabul edijileri gözegçiliksiz galdyrmak, ýeňil tutaşýan ýanyjy suwuklyklar bilen otaglary arassalamak, binalardyr desgalaryň we olaryň çäklerinde önümçilik galyndylaryny, zir-zibilleri ýakmak, üçekleriň girelgelerine, ammarlara, önümçilik, edara goşlary saklanýan jaýlara, basgançak kapasalaryna barýan geçelgeleriňdir beýleki adamlaryň halas ediş ýollarynyň ugurlarynda geçmäge päsgelçilik döredýän öý goşlaryny goýmak, şeýle hem jaýlaryň üçeginde dürli öý goşlarydyr ýanyjy maddalary saklamak.




Ýangyn howpy önümçilige, oba hojalygyna, jemgyýetimize, binadyr desgalara we olaryň çäklerine, gözel tebigatymyza, daşky gurşawa, ösümlikdir janly-jandarlara ençeme ýylyň dowamynda öwezini dolup bolmajak düýpli zyýan ýetirip bilýär. Mähriban ildeşler! Oduň jogapkärçiliksiz ýakylmagynyň, ýakylan oduň gözegçiliksiz galdyrylmagynyň öňüni almak, döreýän ýangynlary söndürmäge işjeň gatnaşmak her bir adamyň kanuny hem raýatlyk borjudyr.

**Ýazmuhammet AKMEDOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň wagyz-nesihat bölüminiň müdiri.*

## Birinji orna çykdy

Emeli aň tehnologiýasy bilen meşgullanýan «Nvidia» kompaniýasy örän gysga wagtda bazar gymmatyny artdyryp, dünýäniň iň gymmat kompaniýasyna öwrüldi. Dünýäniň bazar bahasy iň gymmat kompaniýalarynyň ilkinji onlugyna golaýda giren «Nvidia» bu ugurda öňdeligi eýeleýän «Microsoft»-dan öňe geçip, birinji boldy. Çip önümçiligi bilen meşgullanýan tehnologiýa ägirdiniň bazar nyrhy 3,32 trillion dollardan geçdi. Merkezi edarasy Kaliforniýada ýerleşýän «Nvidia»-nyň tehnologiýa kompaniýalarynyň jemlenen ýeri bolan «Nasdaq» biržasyndaky paýnamalary 3 göterim gymmatlap, 135,96 dollara çykdy. Şeýlelikde, kompaniýa bu ugurda birinji ýeri eýeleýän «Microsoft»-dan öňe geçdi.




**Parahat RAHMANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Ýollaryň asudalygy – durmuşyň rahatlygy

Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň baştutanlygynda ata Watanymyz uly ösüşlere beslenýär. Häzirki wagtda günsaýyn ösýän we giňelýän şäherleriň ýol hereketini kadalaşdyrmak maksady bilen täze ýollary gurmak, bar bolanlarynyň durkuny täzelemek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Şeýle hem ýollaryň ugrunda ýolagçylar üçin ähli amatlyklary bolan duralgalar, geçelgeler, ýolyşyklar we beýleki degişli belgiler ýerleşdirilýär. Awtoulaglaryň köpelmegi netijesinde gatnawyň artmagy bolsa, sürüjileriň we pyýadalaryň has ünsli bolmagyny talap edýär. Munuň özi ýol hereketiniň howpsuzlygyna ünsüň güýçlendirilmegini talap edýär. Bu barada ýurdumyzda netijeli işler amala aşyrylýar. Olara mysal edip, gurulýan döwrebap awtoýollary, köprüleri, ýerasty geçelgeleri görkezmek bolar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzda her ýylyň sentýabrynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň geçirilmeginiň ähmiýeti hem diýseň uludyr.

Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmekde diňe bir sürüjileriň däl, pyýadalaryň hem borçlaryny bilmekleri we olary dogry berjaý etmekleri hökmandyr. Pyýadalar ýoluň gatnawly böleginden geçenlerinde seresap bolmalydyrlar, diňe pyýadalar üçin niýetlenen ýerlerden, ýerüsti we ýerasty geçelgelerden geçmelidirler. Şeýle-de hereketi sazlaýjynyň we düzgünleşdirijiniň duýdurmalaryna üns bermelidirler, gyzyl yşygyň hereketi gadagan edýändigini ýatdan çykarmaly däldirler.



Sürüjilere ilatly ýerlerde sagatda 60 kilometr tizlikden ýokary bolmadyk tizlik bilen hereket etmäge, ilatly nokatlaryň daşynda bolsa ýeňil awtoulaglary 90 kilometr tizlik bilen dolandyrmaga rugsat berilýär. Her bir sürüji ýol hereketiniň kadalarynda görkezilen talaplary ýerine ýetirse, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda uly netijeler gazanylar.

Ýollarda asudalygyň üpjün edilmeginde sürüjilere uly jogapkärçilik düşýär. Olar ulagyň tehniki ýagdaýynyň guratlygyna jogap berýärler. Howpsuzlyk kemeri bilen enjamlaşdyrylan awtoulaglarda hereket edilende, sürüjiniň we ýolagçynyň howpsuzlyk kemerini dakynmaklaryny gazanmak sürüjiniň berjaý etmeli borjudyr.

Sürüjiler we pyýadalar üstlerine düşýän jogapkärçiligiň uludygyny hemişe ýatda saklamalydyrlar we ony berk berjaý etmelidirler.

**Ýalkap HUDAÝBERDIÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrap Polisiýa bölüminiň polisiýanyň Ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň uly leýtenanty.*

## Tebigat barada kanun kabul edildi



Ýewropa Bileleşigi tebigaty dikeltmäge degişli täze kanun kabul etdi. Bu kanun bilen onýyllygyň ahyryna çenli Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň gury ýerleriniň we deňizleriniň azyndan 20 göteriminiň gaýtadan dikeldilmegi maksat edinilýär. Bu barada köp wagtdan bäri gepleşikler geçirilýärdi. Ýewropa Parlamentinde bu kanun bilen bagly geçirilýän gepleşiklere ýolbaşçylyk edýän ispaniýaly deputat Sezar Luena bu günüň Ýewropa üçin tebigaty goramak we aýap saklamakdan, gaýtadan dikeltmäge geçilen ähmiýetli günleriň biridigini belledi.

**Yhlas ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Ilkinji elektroulagyny çykarar

Ýokary tizlikli ulaglaryň az sanlysyny çykarmagy bilen tanalýan «Ferrari» kompaniýasy 2025-nji ýyla çenli ilkinji elektroulagyny öndürmegi meýilleşdirýär. Superkar öndürijisiniň ilkinji elektroulagynyň bahasynyň 500 müň ýewro boljakdygy bellenilýär. Maglumatlara görä, italýan brendi bu modeli öndürmek üçin aýratyn zawod gurar. Häzirki wagtda «Ferrari» ulaglary ortaça, 350 müň ýewrodan satylýar. «Porsche»



kompaniýasynyň «Taycan» atly elektroulagy bolsa 100 müň ýewro töweregi bahadan satylýar. Geçen ýyl «Ferrari» 14 müňe golaý awtoulag satdy. Kompaniýanyň elektroulag çykarmagy bilen bu görkezijiniň 20 müňe ýetmegine garaşylýar.

**Aýgözel REJEPOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Saglyk üçin maslahatlar

☑ Tomus paslynda Günüň aşa ýiti şöhlesinden goranyň!

☑ Tomus aýlarynda Günüň ultramelewşe şöhlelerinden goranmak üçin açyk reňkli nah matadan, ýeňil we giň tikilen egin-eşikleri geýiň.

☑ Gün şöhlesi dogry peýdalanylanda bedende D witamini emele gelýär, şonuň üçin Gün şöhlesinden ýerlikli peýdalanyň.

☑ Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, kadaly we sagdyn iýmitleniň.

☑ Günüň dowamynda azyndan 5-6 sany gök önüm we ýeterlik miwe iýiň.

☑ Günüň dowamynda kabul edilýän nahar duzunyň 5 gramdan artyk bolmazlygyna üns beriň. Gök we miwe önümleri kabul edeniňizde, gigiýeniki talaplary berk berjaý ediň.

☑ Her gün gerekli mukdarda 2 litrden az bolmadyk arassalanan agyz suwuny içiň.



☑ Tomus paslynda şöhlat önümlerini we beýleki tiz taýýarlanýan iýmitleri dowamly iýmekden saklanyň.

☑ Lukman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içiň.

☑ Iýmit zäherlenmeleriň öňüni almak maksady bilen, iýmitiň ýaramlylyk möhletine we saklanyş derejesine aýratyn üns beriň.

☑ Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglanyşyp, döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzdaky şypahanalarda dynç alyň we saglygyňyzy berkidiň.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Gaýtadan işläp başlady



1977-nji ýylda kosmosa uçurylan «Voyager 1» kosmos enjamy bilen 6 aý ozal aragatnaşyk kesilipdi. NASA-nyň berýän maglumatyna görä, Ýerden 24,1 milliard kilometr daşlaşan enjam bilen gaýtadan aragatnaşyk ýola goýlup, ylmy maglumatlar toplanyp başlandy. «Voyager 1»-däki tehniki bökdençligiň uçuş bilen bagly maglumatlary toplaýan çipde ýüze çykandygy mälim edildi. Şeýle-de bolsa, kosmos enjamyndaky näsazlyk dolulygyna aradan aýrylmandyr. Indi bilermenler «Voyager 1»-iň üç kompýuterindäki wagty görkezýän programmasynyň sinhronyny sazlamaly bolarlar.

**Ýazgeldi ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Global ösüş çaklamasy ýokarlandy

«Fitch Ratings» halkara reýting edarasy global ykdysady ösüşiň ozalky çak edilişinden has ýokary boljakdygyny mälim etdi. Çaklamada dünýä ýurtlarynyň ykdysady ösüşiniň 2,4 göterim däl-de, 2,6 göterim boljakdygy bellenilýär. Reýting edarasynyň bilermenleri 2025-nji hem-de 2026-njy ýyllarda hem ösüşiň 2,4 göterim boljakdygyny çaklaýarlar.



ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň 2024-nji ýylda 2,1 göterim, geljek ýyl 1,5 göterim we 2026-njy ýylda 1,6 göterim ösjekdigi aýdylýar. Ýewro sebitindäki ykdysady ösüş 2024-nji ýylda 0,6 göterimden 0,8 göterime çykypdyr. Sebit ýurtlary geljek ýyl 1,5 göterim, 2026-njy ýylda 1,4 göterim öser.

**Gurbanbibi ORAZBAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## 1 milliard ýewro girdejä garaşýar

Germaniýada geçirilýän 17-nji Ýewropa çempionaty gyzgalaňly ýagdaýda dowam edýär. Halkara sport we beýleki bäsleşikler geçirilýän ýurduna uly girdeji getirýär. Bu ýagdaý Germaniýada hem şeýle. Ýurduň ýolbaşçylary «Euro 2024» futbol çempionatynyň syýahatçylyk pudagyna girdejisiniň 1 milliard ýewro bolmagyna garaşýarlar. Bu barada Mýunhendäki Ifo ykdysady barlaglar instituty habar berýär. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä, myhmanhana we azyk senagaty daşary ýurtly syýahatçylardan iň köp girdeji gazanan pudaklar bolar. Institutyň bilermenleri 2006-njy ýylda ýurtda geçirilen futbol boýunça dünýä çempionatyndaky maglumatlara esaslanyp, hasaplama geçiripdirler. Futbol duşuşyklarynyň geçirilýän döwründe 600 müňden gowrak syýahatçy myhmanhanalarda 1,5 million orunlyk goşmaça ýerde dynç alarlar.



**Gurban NAZAROW,**
*Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap kazyýetiniň kazyýet ýerine ýetirijisi.*

## Arassa energiýadaky artyş tizligi

Bütindünýä ykdysady forumynyň taýýarlan maglumatynda arassa energiýa geçiş tizligi peselýär. Dünýäniň 120 ýurdunyň bar bolan ulgamlary we arassa energiýa geçiş mümkinçilikleri seljerildi. Şu ýyl 14-nji gezek taýýarlanan maglumatda dünýäde has ygtybarly, durnukly we elýeterli energiýa geçişde ösüş dowam edýär. Emma bu ösüşiň tizligi peselýär. Maglumatda 120 ýurduň 107-sinde soňky 10 ýylda arassa energiýa geçişde ösüş gazanylypdyr. Şeýle hem gaýtadan dikeldilýän energiýa pudagyna global maýa goýumyň artmagy we soňky 10 ýylda Sahara çölüniň günortasyndaky Afrikada energiýa öwrülişiginde uly ösüş gazanylypdyr.



Energiýanyň arassa çeşmelerine geçmekde Ýewropa ýurtlary öňdeligi eýeleýär. Ýurtlar babatda aýdylanda bolsa, Şwesiýa, Daniýa, Finlýandiýa, Şweýsariýa we Fransiýa öňdäki orunlara ýerleşipdir.

**Begenç SÄHETMYRADOW,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Gymmat bahadan satylar

Italýan suratkeşi Tisian Weçellionyň XVI asyryň başlarynda döreden «Müsüre göçüşde dynç alyş» atly suraty auksiona çykarylar. 2-nji iýulda Londondaky «Christie's» auksion öýünde satuwa çykaryljak kartinanyň 15-25 million funt sterling aralygynda satylmagyna garaşylýar. Tisian ady bilen meşhurlyk gazanan suratkeşiň ýaş wagty çeken suraty Renesans sungatynyň esasy nusgalarynyň biri hasaplanýar. Eserde Merýem ene, Hezreti Ýusup we Hezreti Isanyň suraty şekillendirilen. Ussatlyk bilen döredilen surat doýgun reňkli bolmagy bilen tapawutlanýar. Wenesiýa ugrunyň iň esasy wekilleriniň biri bolan Tisianyň portretlerinde mifiki we dini sahnalar gabat gelýär.

## Ikisi birwagtda gülledi

Londonyň Kew botanika bagynda dünýäniň iň ysly gülleri hasaplanýan «titan arum» we «aristolochia goldieana» gülleri birwagtda gül açdy. Bagyň ýolbaşçylarynyň aýtmaklaryna görä, «aristolochia goldieana» üçünji gezek gül açypdyr. Beýikligi 3 metre ýetýän gül 48 sagatdan ýapylýar. Bu gül ilkinji gezek 1990-njy ýylda, ikinji gezek 2023-nji ýylda açylypdyr. Onuň ysynyň himiki elementleri ýadyňa salýandygy bellenilýär. Garaşylmadyk ýagdaýda «titan arum» güli hem gül açypdyr. Botanika bagynda 1889-njy ýyldan bäri ösüp oturan gül ilkinji gezek 1926-njy ýylda, soňky gezek 2021-nji ýylda gül açypdyr. Şeýlelikde, botanika bagynyň taryhynda ilkinji gezek bu ösümlik 5 ýyldan az wagtda gül açypdyr.



**Gözel BEKDURDYÝEWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.*

## Ilaty artar

Ýewropanyň ykdysady taýdan ösen ýurdy bolan Germaniýanyň ilatynyň 2045-nji ýyla çenli 85,5 milliona ýetjekdigi çaklanylýar. Çaklamalara görä, şol wagta çenli ýurduň ilaty 1 göterim artyp, 85,5 milliona ýeter. Ýurduň Gurluş, şäher we binalar ylmy-barlag institutynyň bilermenleri (BBSR) 22 ýylda ýurduň ilatynyň 800 müň artjakdygyny çaklaýar. Ilatyň artyşynda daşary ýurtlardan göçüp gelýänleriň has täsirli boljakdygy bellenilýär. Ilatyň artyşy ýurduň sebitlerinde tapawutly bo lar. Ykdysady taýdan ösen şäherler, şol şäherleriň daş-töweregi, esasan hem, Bawariýa we Baden-Wýurtemberg welaýatlarynyň şäherden uzakdaky ýerlerinde ilatyň artyşy dowam eder. Iri şäherlerden uzakdaky ýerlerde bolsa ilat sany azalar.



**Aknur ÖDEKOWA,**
*Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň Lebap welaýat müdirliginiň Çärjew etrap bölüminiň döwlet bellige alyjysy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 21-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114228
Belgisi: 25/1591
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ENERGETIKA PUDAGY – SENAGAT ÖNÜMÇILIGINIŇ BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzda hereket edýän energiýa ulgamyny halkalaýyn birleşdirmek boýunça işler maksatnamalaýyn durmuşa geçirildi. Halkalaýyn energoulgamy döretmek taslamasynyň birinji tapgyry bolan Ahal – Balkan ýokary woltly asma elektrik geçirijisi 2021-nji ýylda işe girizildi. Türkmen energogurluşykçylarynyň yhlasly zähmeti netijesinde halkalaýyn energoulgamyň Mary – Ahal ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniň nobatdaky tapgyry 2023-nji ýylda işe girizildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak patasy bilen, ýurdumyzyň energetika halkasynyň üçünji bölegi bolan Balkan – Daşoguz ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniň işe girizilmegi milli elektroenergetika pudagynyň taryhynda täze sahypa açdy. Şeýlelikde, bu desganyň ulanmaga berilmegi bilen, ýurdumyzda bitewi halkalaýyn energoulgam emele getirildi. Bu taslama içerki sarp edijileriň elektrik üpjünçiliginiň hilini gowulandyrmaga, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden daşary ýurtlara elektrik energiýasyny ibermek üçin amatly şertleri döretmäge täze mümkinçilikleri açar. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistana Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda ilkinjileriň hatarynda sarp edijileriň energiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrjak bitewi halkalaýyn energoulgamy döretmäge mümkinçilik berýändigi aýratyn bellärliklidir.



Türkmenistanyň energiýa ulgamynda Mary döwlet elektrik stansiýasyndan başga-da, Aşgabatda, Ahalda, Balkanabatda, Lebapda, Daşoguzda hem-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda kuwwatly elektrik beketleri hereket edýär. Paýtagtymyzyň, beýleki şäherleriň we ilatly ýerleriň energiýa üpjünçilik ulgamy täzelenilýär. Günden we ýelden elektrik energiýasyny öndürýän stansiýanyň, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşyklary dowam etdirilýär. Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda kuwwaty 1574 megawat bolan utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasy gurulýar. Aşgabat şäherinde Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň açylmagy pudagy diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek üçin şertleri döredýär. Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda gurlan Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkezine 5 halkara güwänama berildi. Ýurdumyzyň energetika pudagyny ösdürmek strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlary «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» we beýleki maksatnamalarda kesgitlenendir.

Hormatly Prezidentimiziň täze desgalaryň işe girizilmegi mynasybetli dabarada eden çykyşynda ýurdumyzda hereket edýän energiýa ulgamyny halkalaýyn birleşdirmek boýunça taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň Garaşsyz Türkmenistanyň energetika pudagynyň taryhynda uly wakadygyny belledi. Jemi uzynlygy 572 kilometr bolan «Balkan – Daşoguz» ugry boýunça elektrik geçirijisini çekmek boýunça ähli işleriň Garaşsyzlyk ýyllarynda uly tejribe toplan türkmen gurluşykçylary tarapyndan amala aşyrylandygyny hem bellemek gerek. Garagum sährasynyň kyn şertlerinde şeýle ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniňdir beketleriniň gurulmagy türkmen energogurluşykçylarynyň baý tejribesini görkezýär.

Döwlet Garaşsyzlygymyzy almazdan öň, ýurdumyzda bary-ýogy 4 sany elektrik stansiýasy hereket edip, olar Mary, Büzmeýin döwlet elektrik stansiýalary hem-de Türkmenbaşy we Seýdi ýylylyk elektrik merkezleridir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda 8 sany elektrik stansiýasy gurlup ulanmaga berildi, müňlerçe kilometrlik asma elektrik geçirijiler çekildi. Netijede, Türkmenistan diňe bir içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen üpjün etmän, eýsem, ony daşary ýurtlara-da eksport edýän kuwwatly energetika döwletine öwrüldi.

Şu ýerde bir zady aýratyn bellemek gerek. «Türkmenistanyň elektrik energetikasy pudagyny ösdürmegiň 2013 – 2020-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň dürli welaýatlarynda 7 ýyldan gowrak döwrüň içinde pudagyň taryhynda görlüp-eşidilmedik zähmet ýeňşi gazanyldy. Häzirki wagtda bolsa her welaýatda 1000 megawata golaý ýa-da ondan hem ýokary energetika kuwwatlykly düzümler hereket edýär.

2023-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäklerinde birnäçe desgalaryň düýbi tutuldy. Şeýle iri taslamalaryň biri-de Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde gurulýan, bellenen kuwwaty 1574 megawat bolan, utgaşykly dolanyşykda işlejek elektrik stansiýasydyr.

Häzirki wagtda Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda kuwwaty 10 megawat bolan Gün we ýel elektrik stansiýasynyň gurluşygy dowam edýär, Ahal, Daşoguz we Lebap döwlet elektrik stansiýalaryny utgaşykly dolanyşyga geçirmek boýunça netijeli guramaçylyk işleri alnyp barylýar. Bu işler ata Watanymyzyň dünýä ýurtlarynda tebigaty goramak boýunça ýaýbaňlanan giň gerimli çärelere saldamly goşant goşýandygynyň aýdyň mysallarydyr.

**Jomart AKMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# EMELI AŇ: TARYHY WE ULANYLYŞ MÜMKINÇILIKLERI

Ýurdumyzda giňden bellenilen Ylymlar güni mynasybetli «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan guralýan foruma türkmen alymlary bilen bir hatarda, birnäçe daşary ýurtlaryň Ylymlar akademiýalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri hem gatnaşdylar. Halkara ylmy maslahatyň öňüsyrasynda oňa gatnaşyjylar innowasion tehnologiýalaryň sergisi bilen tanyşdylar. Bu gözden geçirilişde ylym-bilim ulgamynyň hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn üns berýän Türkmenistanyň häzirki döwürdäki ösüşiniň ýokary derejesi aýdyň beýanyny tapýar. Innowasion ösüş we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak ýoluna düşen Türkmenistanda ýokary derejeli, hemmetaraplaýyn ökde hünärmenleri kemala gelýär. Şunuň bilen baglylykda, zehinli ýaşlaryň gyzyklanmalarynyň artdyrylmagyna, möhüm ylmy barlaglary alyp barmak üçin şertleri döretmäge, geljegi uly ugurlarda olaryň gerimini giňeltmäge aýratyn üns berilýär.



Biziň Türkmen döwlet maliýe institutymyzda hem innowasion tehnologiýalaryň gazananlaryny öwredýän birnäçe topar işleýär. Şol sanda ýokary okuw mekdebimizde «emeli aň» düşünjesi bilen bagly maglumatlar hem talyplarymyza düýpli öwredilýär.

Iňlis dilinde «artificial intelligence» sözi bilen aňladylýan «emeli aň» düşünjesi kompýuter tehnologiýasynyň bir bölegi bolup, awtomatik dolandyrylýan enjamlara akylly pikirlenmegi we özüni alyp barmagy öwretmek üçin niýetlenen maglumat aragatnaşyk tehnologiýasyny emele getirýär.

«Emeli aň» düşünjesini ylma ilkinji bolup amerikan alymy Jon Makkarti (1927-2011) girizýär. Jon Makkarti 1956-njy ýylda Hanower şäherindäki Dartmut kollejinde Marwin Minskiý, Nataniel Roçester hem-de Klod Şenon ýaly alymlar bilen bilelikde emeli aň bilen baglanyşykly konferensiýa guraýar. Ol 1958-nji ýylda emeli aň üçin Lisp atly programmirleme dilini döredýär we bu diliň esasy mazmunyny 1960-njy ýylyň aprel aýynda «Communications of the ACM» atly žurnalda neşir edilen makalasynda beýan edýär. Meşhur alym eýýäm şol ýyllarda kompýuter tehnologiýasynyň geljeginiň parlakdygy dogrusyndaky garaýyşyny beýan edýär. Ol matematiki logikany emeli aňda peýdalanmagy teklip edýär. 1965-nji ýylda emeli aň laboratoriýasyny esaslandyran Jon Makkarti 1971-nji ýylda şol ugruň iň esasy baýragy hasaplanylýan «Týuring» baýragyna eýe bolýar.

Emeli aň XXI asyryň iň çalt depginler bilen ösýän ylmy ugurlarynyň biri hasaplanylýar. Ylmy edebiýatlarda onuň bilen baglanyşykly dürli garaýyşlar, çemeleşmeler öňe sürülýär. Alymlar tarapyndan emeli aňyň adamzadyň ýaşaýyş durmuşynyň şu gününe we geljegine täsiri seljerilýär.

Adama we janly-jandarlara aň dogabitdi berilýär. Emeli aň bolsa, adamyň özi tarapyndan döredilýär. Adam emeli aňy döretmek bilen öz ýaşaýyş durmuşyny ýeňilleşdirmegi maksat edinýär. Emeli aňa esaslanan tehnologiýada önümçiligiň awtomatlaşdyrylmagynyň hasabyna işiň hili we netijeliligi ýokarlandyrylýar. Munuň hakykatdan hem şeýledigine durmuşymyza giňden ornaşan emeli aňyň programma üpjünçiliginiň «ChatGPT», «Gemini» ýaly görnüşleriniň mysalynda göz ýetirmek bolýar.

Bu günki gün emeli aň adamzadyň döredijilik işiniň iň kämil basgançaklarynyň biri hasaplanýar. Emeli aňdan peýdalanylyp tekstler bir dilden beýleki dile terjime edilýär, ses, ýüz we el ýazgylaryny tanamak işleri ýerine ýetirilýär. Dünýäniň globallaşmagy, maglumat aragatnaşyk tehnologiýalarynyň kämilleşmegi emeli aňyň durmuşymyza aralaşmagyna giň mümkinçilikler döredýär. Emeli aň gysga döwürde ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna ornaşdyrylyp, döwrüň iň möhüm tehnologiýalarynyň birine öwrülýär. «Amazon», «Apple», «Google» we «Microsoft» ýaly iri tehnologiýa kompaniýalary emeli aň ulgamyny ösdürmek, önümçilige ornaşdyrmak üçin örän köp mukdarda maýa goýum goýýar.

Häzirki döwürde emeli aň durmuşymyzyň köp ulgamlarynda giňden ulanylýar. Ol saglygy goraýyş ulgamynda keselleri anyklamaga mümkinçilik döretse, ulag ulgamynda hereketi dolandyrmaga ýardam edýär. Maliýe ulgamynda karz işlerinden başlap, töwekgelçilikleri dolandyrmaklyga çenli ýerine ýetirilýän amallarda emeli aňyň mümkinçilikleri giňden peýdalanylýar. Emeli aňyň söwda ulgamynda ulanylmagy netijesinde bazar maglumatlary seljerilýär, müşderileriň sargytlary tiz wagtda ýerine ýetirilýär.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

# YLYM – ADAMZADYŇ GELJEGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Şanly günde ýurdumyzyň ýaş alymlarynyň we talyplarynyň arasynda yglan edilen ylmy işler boýunça bäsleşiginiň ýeňijileriniň sylaglanmagy has-da guwançly waka boldy. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň bilelikde guramagynda geçirilmegi däbe öwrülen bäsleşiginiň bu ýylky ýeňijileri hem baýraklar bilen sylaglandy. Şa serpaýyna mynasyp bolanlaryň arasynda ýurdumyzyň dürli ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarydyr talyplarynyň, umumybilim berýän mekdepleriň okuwçylarynyň, beýleki guramalaryň wekilleriniň bolmagy ähli̇mizi begendirdi.**



**Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijilerine iberen Gutlagynda eziz Watanymyzda ylmy we bilimi ösdürmegiň, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmagyň, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny ýokarlandyrmagyň baş maksatlarynyň biri bolup durýandygy aýratyn bellenilýär. Ýurdumyzyň okgunly ösüşi, aýratyn-da, ylymly, bilimli, zehinli ýaşlara, olaryň netijeli ylmy işlerine baglydyr. Şoňa görä-de, berkarar Watanymyzda ýaşlaryň hemmetaraplaýyn goldanylmagy we olara giň mümkinçilikleriň döredilmegi ýaşlary täze üstünliklere ruhlandyrýar.**

**Milli ylym ulgamy jemgyýetiň ösüşiniň kuwwatly özgerdiji güýji hökmünde ýurdumyzyň durmuşynda möhüm orun eýeleýär. Esasy Kanunymyzda döwletiň ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edýändigi, bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny goldaýandygy baradaky kadalar adamyň ylym we döredijilik bilen meşgullanmaga bolan konstitusion hukugynyň durmuşa geçirilmegini kepillendirýär. Şonuň bilen birlikde, döwletiň ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna ýardam edýändigi hem bellenilýär.**



**Zehinli ýaşlary tehnologiýalar we ylym ulgamyna çekmek, dünýä ülňülerine laýyk gelýän, bäsleşige ukyply, netijeli ylmy işleri alyp barýan alymlaryň neslini kemala getirmek baş wezipeleriň biri bolup durýar. Türkmenistan ylym we ýokary tehnologiýalar babatynda iri halkara guramalary, ylmy merkezler bilen işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar. Dünýä ylmynyň derwaýys meselelerine bagyşlanan halkara ylmy forumlar yzygiderli geçirilýär.**

**Ýurdumyz Durnukly ösüşiň meýilnamalaryny amala aşyrmaga yzygiderli gatnaşýar. Ýurdumyz ýaş nesle durnukly ösüşi gazanmagyň strategik güýji hem ygtybarly kepili hökmünde garap, tagallalaryny olaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirýär. Ýurdumyzda ýaşlaryň jogapkär raýatlar, kämil bilimli, hünärmenligiň ussatlygynyň ýokary derejesini we başarnyklaryny özleşdiren nesiller bolmaklary üçin ähli tagalla edilýär.**

**Türkmenistanyň ýaşlar baradaky döwlet syýasaty ýaşlaryň durmuş taýdan berkarar bolmagy, ösmegi we mümkinçiliklerini durmuşa geçirmegi üçin hukuk, ykdysady, guramaçylyk şertlerini we kepilliklerini döretmäge gönükdirilen döwlet işini emele getirýär. Türkmenistan ýaşlara ýurdy durmuş-ykdysady, syýasy we ruhy-ahlak taýdan ösdürmegiň serişdesi, onuň medeni-durmuş taýdan dikeldilmeginiň çeşmesi hökmünde aýratyn ähmiýetinden, şeýle hem ýaşlaryň bilim almak, hünär edinmek, durmuş ýoluny saýlap almak, maşgala gurmak we özbaşdak durmuşa başlamak ýaly tapgyrlarda ýüze çykýan özboluşly durmuş meseleleriniň ykrar edilmeginden ugur alýar.**

**Gunça BAÝRAMOWA,**
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.***

# TALYP ÝAŞLAR BILIMLERINI IŞ TEJRIBESINDE ÖZLEŞDIRÝÄRLER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Olar ýörite medeni-dynç alyş maksatnamasyny işläp taýýarladylar. Bilelikdäki tagallalar esasynda dynç alyş merkezlerinde her ýyl tomus möwsüminde dürli ýaşly çagalara niýetlenen köp sanly bäsleşikler, sungat ýoluna ýaňy gadam basan artistleriň we çagalar çeper höwesjeň toparlarynyň, döwlet hem-de halkara derejedäki dürli döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileriniň, meşhur estrada aýdymçylarynyň, sazandalaryň gatnaşmaklarynda sport ýaryşlary, spartakiadalar, sahna çykyşlary, çeper okaýyşlar guralýar.**

**Tomusky dynç alyş möwsümini Gökderäniň merkezlerinde üç tapgyrda alyp barmak göz öňünde tutuldy. Welaýatlarda hem üç tapgyrda, Awazadaky çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde çagalaryň dynç alyş möwsümi bäş tapgyrda dowam eder. Gökderedäki çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň birinji tapgyrynda çagalaryň ýedi müňden gowragy dynç alýarlar. Welaýatlardaky merkezlerdäki dynç alyş möwsüminiň birinji tapgyrynda çagalaryň bir ýarym müňden gowragy, Awazanyň çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde bir ýarym müňe golaý çagalaryň dynç almagyna mümkinçilik döredildi.**

**Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, çagalar biziň kalbymyzyň buýsanjy, öýlerimiziň ýaraşygy, bagtyýar durmuşymyzyň gül-gunçalary, ömrümiziň dowamatydyr. Şoňa görä-de, Diýarymyzda erkana ýaýnaýan bagtyýar çagalarymyzyň rahat dynç alyp, okap, öwrenip, döredip, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, sagdyn bedenli, edep-terbiýeli, Watana wepaly bolup ýetişmeklerine gönükdirilen maksatnamalarymyzy üstünlikli amala aşyrýarys. Watanymyzyň röwşen geljegi bolan çagalaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek döwletimiziň esasy maksadydyr. Şunuň bilen baglylykda, çagalaryň mynasyp bilim we terbiýe almaklary, sport, döredijilik bilen meşgullanyp, ukyp-başarnyklaryny artdyrmaklary ugrunda ähli zerur tagallalar edilýär. Paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda gurlup ulanmaga berilýän döwrebap çagalar baglarynyň, mekdepleriň, sport, sagaldyş-dynç alyş merkezleriniň sany ýylsaýyn artýar.**



**Teatr, sirk, belli aýdym-saz toparlary hem ýaşajyk tomaşaçylar bilen duşuşmaga taýýarlyk görýärler. Şeýle-de çagalar üçin niýetlenen dynç alyş meýilnamalarynda paýtagtymyzyň, welaýatlarymyzyň ajaýyp künjeklerine, taryhy-medeni ýadygärliklere, muzeýlere, seýilgählere gezelençleriň guralmagy göz öňünde tutulýar. Sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde geçjek her bir gün çagalar üçin ýatdan çykmajak pursatlara baý bolar. Sebäbi bu ýerde wagtyňy gyzykly we peýdaly geçirmek üçin ähli şertler döredilendir. «Açyk gapylar» günlerinde çagalar taýýarlan çykyşlary arkaly özleriniň üstünliklerini ene-atalaryna, ýakynlaryna we dostlaryna görkezip bilerler.**



**«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Daýanç» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde, şeýle hem gözel Köpetdagyň etegindäki Gökdere çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde talyp ýaşlar alan bilimlerini öz iş tejribesinde özleşdirýärler. Şeýle talyplaryň hatarynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyplary hem bar. Olar öz okan döwründe alan bilimlerini ýaş türkmenistanlylar bilen paýlaşyp, olaryň hem kämil ýaşlar bolup ýetişmegi üçin goşantlaryny goşýarlar.**

**Döwran ANNANEPESOW,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.***

# ORTA ASYRYŇ MEŞHUR ALYMY

Şöhratly geçmişimizde ylym-bilimde uly işleri bitirip, taryhda öçmejek yz galdyran şahsyýetlerimiz sanardan kän. Şolaryň biri hem Gündogarda meşhur türkmen alymy hökmünde tanalýan Abulhasan Aly ibn Ahmet an-Nesewidir. Beýik alym, takmynan, 970-nji ýylda Nusaýda dünýä inýär. Ol Guşýar ibn Labbanyň şägirdi bolup, Reýde Majd ad-Daulyň köşgünde, Gazna şäherinde Mahmyt Gaznalynyň we onuň mirasdüşerleriniň köşklerinde, Seljuk soltanlarynyň köşklerinde, has anyk aýdylanda, Seljuk türkmenleriniň merkezi bolan Yspyhan şäherinde birnäçe işleri ýerine ýetirýär. Görnükli alym, takmynan, 100 ýaşap, 1070-nji ýylda aradan çykýar. Ýewropada Abilhasan Hali ben Ahmed Nasuenis diýlip atlandyrylýan Ahmed an-Nesewi Mahmyt Gaznalynyň köşgünde Abu Nasr ibn Yrak (953/54 – 1034 ýý.), Abu Reýhan al-Biruny (973-1048 ýý.) ýaly öz döwrüniň beýik alymlary bilen eginme-egin bile işleýär. Soňra Ahmet an-Nesewi Çagry begiň çakylygy bilen Seljuklylar köşgüne çagyrylýar. Alym bu ýerde köşk astrology we astronomik gözegçiligi geçirmek üçin birnäçe işleri amala aşyrýar.

Ahmet an-Nesewi özüniň matematika degişli bolan «Ýewklidi abstragirlemek» (Tajrid Uklidis), «Geometriýanyň başlangyçlaryny abstragirlemek» (Tajrid fi usul al-handasa), «Başlangyçlar» kitabynyň gaýtadan işlenen görnüşini, Arhimediň «Lemm» kitabyna seljermeler (Şarh kitab al-Mahuzat li Arşimidis) ýaly traktatlary ýazýar.

Görnükli alymyň «Hindi arifmetikasy barada ýeterlik» (al-Mukni fil-hasib al-hindi) atly traktaty dört sany esasy kitapdan ybaratdyr. Bu traktat pars dilinde ýazylyp, Majd ad-Daula bagyşlanylýar we Mahmyt Gaznalynyň buýrugy bilen arap diline terjime edilýär. Kitaplaryň mazmuny aşakdaky ýalydyr:

- Bitin sanlaryň arifmetikasy barada;
- Droblaryň arifmetikasy barada;
- Bitin sanlaryň droblar bilen bilelikde arifmetikasy barada;
- Altmyşlyk droblaryň arifmetikasy barada –

ýaly maglumatlary öz içine alýar. Kitaplaryň mazmuny Guşýar ibn Labbanyň «Hindi arifmetikasynyň başlangyjy barada» atly traktatyna has ýakyndyr. Bu ýerde kub kökleri almak gadymy Hytaýda ulanylan Ruffini – Horneriň usuly bilen amala aşyrylýar. Ahmet an-Nesewiniň «Kesiji figuralary düşündirmek hakynda kitap» (Kitap al-işba fi şarh aş-şakl al-kita) atly traktaty iňlis, türk, nemes we fransuz dillerine terjime edilýär. Kitabyň mazmuny düzümli gatnaşyklar nazaryýetine we Menelaýyň sferiki teoremasynyň subudyna bagyşlanýar. Alymyň matematika degişli bolan «Ýewklidiň kitabyny teswirlemek barada kanagatlanma» (Al-Balig fi şarh kitap Uklidis) eseri Guşýar ibn Labbanyň ylmy eserinde ýatlanylýar. Ahmet an-Nesewiniň «Töweregi gurmak barada kitap» (Makala fi amal diara nisbatuha ila diara mafruda ka nisba mafruba) atly eserini öz döwrüniň görnükli matematigi Nasreddin at-Tusy «Arhimediň Lemmasyna düzme» traktatynda ýatlap geçýär. Görnükli alymyň Yspyhan şäherindäki ýolbaşçylyk edýän obserwatoriýasy göçürilenden soňra, özüniň «Astronomiýa ylmynyň düzgünleriniň ýygyndysy» (Jamy kawanii ilm al-haýa) atly traktatyny ýazýar. Bu ylmy eser Seljuk soltany Togrul begiň weziri Amid al-Mülk Abu Nasr Mansury ibn Muhemmede bagyşlanýar. Bu traktatyň asyl nusgasy nemes, fransuz, türk, rus we beýleki dillerde terjime edilýär. Şonuň ýaly-da, görnükli alym astronomiýa degişli bolan birnäçe eserini ýazýar. Olardan «Senenamany we astrolýabiýany duýmak barada traktat» (Risala fi rifa at-takwim wa-l-asturlab), «Fahriýe ziji» (az-Zij al-Fahir) atly eserlerini bellemek bolar.



Meşhur alymyň ençeme eserleri arap, pars dillerinde kitap edilip ýaýradylypdyr, ýewropa dillerine terjime edilipdir. Onuň käbir ylmy garaýyşlary, takyklamalary, ölçegleri häzir hem öz ähmiýetini ýitirmeýär. Meşhur alymyň ylmy maglumatlary häzirki wagtda astronomiýa, matematika we taryh ýaly ylymlarda giňden ulanylýar.

**Aýjemal DURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak Ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky harby institutynyň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy.*

# MUKADDES GURBAN BAÝRAMY BELLENIP GEÇILDI

Gurban baýramy ynsanperwerligi, ruhy tämizligi, hoşniýetliligi, belent ahlaklylygy dabaralandyrýan milli baýramdyr. Bu baýram adamlaryň arasyndaky belent ýörelgelere ýugrulan gatnaşyklary pugtalandyrýan, kalplary tämizleýän, ruhy gymmatlyklarymyzy, ahlak ýörelgelerimizi çuňlaşdyrýan, köpasyrlyk däp-dessurlarymyzy giňden ýaýbaňlandyrýan mukaddeslik derejesine ýeten özboluşly gymmatlykdyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli däp-dessurlarymyz sarpalanyp, gadymy ýörelgelerimize uly hormat goýulýar. Bu halkymyzyň ruhy-ahlak ýörelgeleriniň giňden dabaralandyrylmagynda hem açyk-aýdyň görünýär. Şu nukdaýnazardan, Gurban baýramy hem pederlerimizden gelýän gadymy hem milli ýörelgelerimiziň esasynda giňden bellenilýär. Ýurdumyzda her ýylda üç gün dynç güni diýlip bellenilip, bagtyýar raýatlarymyzyň asylly däplerimize görä gurbanlyk dessuryny berjaý etmeklerine uly mümkinçilik döredilýär. Gurban baýramynda, ilkinji nobatda, arassaçylyk kadalary doly berjaý edilýär. Öýlerde baýramçylyga giňden taýýarlyk görülýär. Toý saçaklary ýazylyp, naz-nygmatlar bilen bezelip, myhman garşylanýar. Gurbanlyk maly soýlup, goňşy-golam, dogan-gardaş, dost-ýar, tanyş-biliş myhman çagyrylyp, gurbanlyk sadakasy berilýär.



Gurban baýramynyň ýene-de bir aýratynlygy, hormatly Prezidentimiziň sahawatly çözgüdi esasynda ildeşlerimiziň köp sanlysyna haj parzlaryny berjaý etmek üçin mümkinçiligiň döredilmegidir. Döwletlilik ýörelgelerimizden gözbaş alýan bu ajaýyp günlerde bagtyýar ildeşlerimiz yslam dünýäsiniň özboluşly merkezi bolan mukaddes ýerlerde – Mekge şäherindäki keramatly Käbede hem-de Medine şäherindäki Muhammet Pygamberiň metjidinde haj ybadatlaryny berjaý edýärler. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň ynsanperwerlik syýasatynyň giňden dabaralanýandygyny açyp görkezýär.



Bu günlerde ýurdumyzyň ähli künjeklerinde baýramçylyk çäreleri uly ruhubelentlikde geçirildi. Adamlar günüň dowamynda birekbiregiň agzybir we bereketli ojaklaryna baryp, gurbanlyk sadakalaryndan duz-tagam dadyp, iň päk arzuw-dileglerini beýan etmek bilen birlikde, baýramçylyk mynasybetli guralýan çärelere gatnaşdylar. Ýurdumyzyň şäherdir obalarynda baýramçylyk meýdançasynda aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy. Görnükli sungat ussatlary, aýdym-saz döredijilik toparlary baýramçylyk konserti bilen çykyş etdiler.

Gurban baýramy adamzadyň sagdyn we tämiz ruhy-ahlak gözelliklerini, ynsanperwerlik ýörelgelerini açyp görkezýän, ýüreklere şatlyk paýlaýan mukaddes baýramdyr. Gurban baýramynda ildeşlerimiziň mukaddes ojaklarynda sadakalar bermegi, ýagşy doga-dilegler etmegi, köpçülik ýerlerinde guralan baýramçylyk çärelerine gatnaşmagy bu şanly senäniň gymmatyny has-da artdyrýar, ýurdumyzda parahatçylygy, asudalygy, abadançylygy üpjün edýär.

Goý, ýurdumyzda berlen gurbanlyk sadakalary kabul bolup, bagtyýarlyga beslenýän Watanymyzyň at-abraýy belende galsyn! Şahyryň aýdyşy ýaly, baýram gününde Arşa sary telwas edip, göwünleri ganatlandyrýan hiňňildiklerimiziň badyna bat goşulsyn!

**Gahryman ÇALYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Marsda suw gyrpaklary tapyldy.** Barlag geçirijiler täze açyş edip, Marsdan suw gyrpaklaryny ýüze çykardylar. Suw gyrpaklary Gyzyl planetanyň «Tharsis» sebitinden «ExoMars Trace Gas Orbiter» enjamynyň kömegi bilen tapyldy. Ýukajyk ygal yzlary «Tharsis» sebitindäki käbir wulkanlaryň gerişleriniň oýtaklarynda görünýär.



**Gologramma görnüşinde bolar.** ABBA gologrammasy bilen tanalýan «Pophouse» (Şwesiýa) kompaniýasy Elwis Presliniň sanly awataryny konsert syýahatyna ibermekçi. Elwis Presliniň awatary bilen guraljak konsert syýahatynyň meşhur sazandanyň tutuş dünýädäki muşdaklarynyň ünsüni çekjek uly waka bolmagyna garaşylýar.



**Dünýäniň iň kiçi oýun karty.** Londonly dizaýner Rob Hallifaks dünýäniň iň kiçi oýun kartyny ýasady. Bir kartyň ululygy bary-ýogy 5x3,6 millimetre deň. Ginnesiň rekordlar kitaby bu üstünlik bilen gyzyklandy. Çünki kartlar öňki rekorddan iki esse kiçi, adaty kart bilen deňeşdirilende bolsa, 250 esse kiçidir.



**«Kosmos liftini» gurmakçy.** Ýaponiýanyň «Obayashi Corporation» kompaniýasy Ýeriň orbitasyna eltýän lifti gurmakçy. Bahasy 100 milliard dollar bolan taslama, 36 müň kilometr beýiklikdäki geostasionar orbita ýetýän ägirt gurluşygy öz içine alýar. Gurluşyk işlerini 2025-nji ýylda başlap, 2050-nji ýyla çenli tamamlamak meýilleşdirilýär.



**Dünýäniň iň çuň howzy.** Dubaýda iň çuň howuz guruldy. Gark bolan şähere meňzeýän howzuň çuňlugy 60 metre ýetip, 15 million litr suw tutýar. Bu howuz eýýäm dünýäniň iň çuň howzy hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Adamlar howzuň düýbünde gark bolan gämileri, awtoulaglary we motosiklleri synlap biler.



**Dünýäniň iň beýik iti.** ABŞ-nyň Aýowa ştatynda ýaşaýan Kewin atly üç ýaşly it dünýäniň iň beýik iti diýlip ykrar edildi. Ginnesiň rekordlar kitabynyň web sahypasynda itiň beýikliginiň 97 santimetrdigi bellenilýär. Adatça, bu tohumdaky itleriň boýy 76 santimetrden geçmeýär.



**Garrylykda bagtly bolmagyň syry.** Italiýaly alymlaryň barlaglarynyň netijelerine görä, wäşilik duýgusy we ösen döredijilikli pikirleniş ukyby garrylykda özüňi bagtly duýmaga täsirini ýetirýär. Işiň netijeleri «Neuroscience Letters» žurnalynda çap edildi. Indi alymlar garrylaryň gündelik işleri we durmuşy bilen baglanyşykly maşklary taýýarlaýarlar.




**6G interneti synag edildi.** Ýaponiýada 6G interneti üstünlikli synag edildi. Täze ulgamyň maglumat geçirijiligi 5G-den 10 esse ýokary bolup, sekuntda 100 gigabite deňdir. «Bu bir sekuntda 8 filmi göçürip almaga mümkinçilik berýär» diýip, hünärmenler aýdýarlar.




**«Amazon» Aziýa maýa goýýar.** Tehnologiýa ägirdi «Amazon»-yň «Amazon Web Services» (AWS) bölümi ýakyn 15 ýylda Taýwanda maglumat merkezlerini gurmak üçin milliardlarça dollar maýa goýmagy meýilleşdirýändigini mälim etdi. Taýwanda ilkinji AWS maglumat merkezi 2025-nji ýylyň başynda işe başlar.



**Dag jynslarynyň nusgalary.** Antarktidanyň buz gatlagynyň astyndan ýaşy 1 milliard töweregi bolan dag jynslarynyň nusgalary alyndy. Taslamany akademik I.S. Gramberg adyndaky Bütinrussiýa Dünýä ummanynyň geologiýasy we mineral baýlyklary ylmy-barlag institutynyň alymlary hytaýly kärdeşleri bilen bilelikde amala aşyrdylar.

# Ramafosa gaýtadan saýlandy

14-nji iýunda Günorta Afrika Respublikasynyň Milli Assambleýasy ýurduň dolandyryjy «Afrikanyň milli kongresi» partiýasynyň lideri Siril Ramafosany geljek bäş ýyl üçin Prezident saýlady. Parlamentiň ilkinji mejlisine başlyklyk eden baş kazy Reýmond Zondo parlamentde geçirilen ses berişlikde Ramafosanyň 283 ses, «Ykdysady azatlyk üçin göreşijiler» partiýasynyň başlygy Julius Malemanyň 44 ses alandygyny mälim etdi.

29-njy maýda ýurduň parlamentine we dokuz welaýatyň kanun çykaryjy organlaryna saýlawlar geçirildi. Bu saýlawlarda Ramafosanyň «Afrikanyň milli kongresi» partiýasy 40,2 göterim ses alyp ýeňiş gazandy. Ikinji orny 21,6 göterim ses bilen «Demokratik bileleşigi» partiýasy, üçünji orny 14,6 göterim ses bilen ýurduň öňki Prezidenti Jeýkob Zumanyň «Umkhonto we Sizwe» partiýasy eýeledi. «Ykdysady azatlyk üçin göreşijiler» partiýasy bolsa, 9,4 göterim sese eýe boldy.

Ýurtda geçirilen ählumumy saýlawlardan soň, «Afrikanyň milli kongresi» partiýasy ilkinji gezek 400 orunlyk parlamentdäki köplügini ýitirip, 159 orny eýeledi. Şeýlelikde, 1994-nji ýyldan bäri ýurdy dolandyrýan «Afrikanyň milli kongresi»



partiýasy parlamentdäki köplügini ýitirdi we hökümet döretmek maksady bilen bileleşik döretmegiň ugruna çykdy.

19-njy iýunda 71 ýaşly Siril Ramafosa Günorta Afrikanyň administratiw paýtagty Pretoriýada geçirilen dabarada ýurduň Prezidenti hökmünde kasam kabul etdi.

# Awtomobil satuwy boýunça öňde

Hytaýyň awtoulag öndürijileri, täze bazarlaryň özleşdirilmegi netijesinde, 2023-nji ýylda ilkinji gezek global awtoulag satuwy boýunça amerikaly bäsdeşlerinden öňe saýlandy. Bu barada awtoulag



bazaryndaky maglumatlary seljermäge ýöriteleşen britan kompaniýasy «JATO Dynamics» habar berdi.

«Geçen ýyl hytaý öndürijileri dünýäde 13,4 million täze awtoulag satyp, bu möçber 2022-nji ýyldakydan 23 göterim köpdür. Amerikan öndürijileri bolsa, 11,9 million täze awtoulag satyp, 2022-nji ýyldaka garanyňda, 9 göterim ösüş gazandy» diýip, «JATO Dynamics»-iň hasabatynda bellenilýär. Hytaýly awtoöndürijileriň üstünligi Ýakyn Gündogar, Afrika, Latyn Amerikasy we Günorta-Gündogar Aziýa ýaly täze bazarlaryň özleşdirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Hytaý awtoulaglaryna bolan isleg Ýewropada, Awstraliýada, Täze Zelandiýada we Ysraýylda hem artýar.

Ýaponiýa dünýäde awtoulag satuwy boýunça öňdebaryjy ýurt bolmagynda galýar. 2023-nji ýylda ýapon awtoulag öndürijileri 23,6 million täze awtoulag satdy. Şol bir wagtyň özünde 2023-nji ýylda iň köp satylan awtoulag «Tesla Model Y» elektroulagy boldy. Bu markadan 1,2 million awtoulag satylyp, 2022-nji ýyldaka garanyňda, 64 göterim köpdür.

# ABŞ-dan öňe geçdi

Hytaýyň raýatlary 2023-nji ýylda daşary ýurt syýahatlaryna 196,5 milliard dollar sarp edip, ABŞ-dan (150 milliard dollar) öňe geçdi. Bu barada BMG-niň Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň (UN Tourism) hasabatynda tassyklanýar. Şeýle hem ilkinji bäşlige Germaniýa (112 milliard dollar), Beýik Britaniýa (110 milliard dollar) we Fransiýa (49 milliard dollar) girdi. Ilkinji onluga bolsa, Kanadanyň, Italiýanyň, Hindistanyň, Russiýanyň we Günorta Koreýanyň ilaty girdi.

Mundan başga-da, 2023-nji ýylda Fransiýa dünýäniň 100 million syýahatçysyny kabul edip, dünýäniň iň köp barlan ýurdy boldy. Ispaniýa 85 million syýahatçyny, ABŞ 66 million syýahatçysy kabul edip üçünji orny eýeledi. Ondan soň Italiýa (57 million) we Türkiye (55 million) gelýär.

«UN Tourism»-iň hasabatyna laýyklykda, ýurtlar 2023-nji ýylda halkara syýahatçylygyndan 1,5 trillion dollar gazanypdyr, bu pandemiýadan öňki, 2019-njy ýyldaky görkeziji bilen belli



bir derejede gabat gelýär. ABŞ syýahatçylykdan 176 milliard dollar, Ispaniýa 92 milliard dollar, Beýik Britaniýa 74 milliard dollar, Fransiýa 69 milliard dollar, Italiýa 56 milliard dollar gazanypdyr.

# Pompeide mawy otag tapyldy

Arheologlar Wezuwiý wulkany atylandan soň külüň astynda 2 müň ýyl saklanyp galan Pompei şäherinde täze açyş etdiler. Bu barada Pompeide geçirilýän gazuw-agtaryş işleri baradaky resmi elektron žurnaly «E-Journal degli Scavi di Pompei» habar berdi.

Arheologlar şäheriň merkezi böleginden ýüze çykarylan täze otag barada jikme-jik hasabat çap etdiler. Diwarlaryna gök reňk çalnan otag däp-dessurlar bilen baglanyşykly çäreleri guramaga we mukaddes zatlary saklamaga niýetlenen ýer hökmünde baha berildi. Hünärmenler gök reňkiň Pompei freskalarynda seýrek duş gelýändigini, adatça, ussatlyk bilen bezelen otaglarda ulanylandygyny bellediler. Gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda 15 sany küýze, şeýle hem 2 sany ýag çyra we olaryň aşagyna goýulýan söýeg ýaly bürünçden ýasalan zatlar ýüze çykaryldy. Bulardan başga-da, köp mukdarda gurluşyk materiallary we bosagada suwaga goşmak üçin taýýarlanyp goýlan balykgulak gatyşykly çäge tapyldy.

Italiýanyň Medeniýet ministri Jennaro Sandžuliano bu ýere gelip gördi we arheologik ýadygärligi «henizem doly öwrenilmedik hazynaly sandyk» diýip baha berdi.

Biziň eýýamymyzyň birinji asyryna çenli Pompei 10 müňden 20 müňe çenli ilatly Italiýanyň günorta-günbatar kenarynda ýerleşýän Rimiň deňiz kenaryndaky şäher bolupdyr. Biziň eýýamymyzyň 79-njy ýylynda golaýdaky Wezuwiý wulkany atylyp, şäheriň üstüne hapa we ot ýaly gyzgyn erginleri sürüp getirýär. Mundan öň, taryhçylar bu wakanyň senesini 24-nji awgust diýip kesgitlän hem bolsalar, soňky geçirilen barlaglar munuň birnäçe aý soň bolandygyny görkezdi. Şol wakada käbir ýaşaýjylar gaçyp gutulan hem bolsa, 2 müň töweregi pompeili bu heläkçiligiň gurbany bolupdyr. Wulkanyň patlamagy Gerkulanum ýaly beýleki ýakyn obalara-da täsirini ýetiripdir. Umuman alanyňda, bu hadysada 16



müň töweregi adamyň heläk bolandygy çak edilýär.

Ýüzlerçe ýyllap wulkan gatlaklarynyň aşagynda galan Pompei şäheriniň galyndylary XVI asyryň ahyrlarynda ýüze çykaryldy. Arheologlary haýran galdyrýan bu şäher 1997-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilip, dünýäniň dürli künjekleriniň arheologlaryny we syýahatçylaryny özüne çekmegini dowam etdirýär.

# Saýlawlardan öňki kampaniýa başlandy

**17-nji iýunda Fransiýada möhletinden öň geçiriljek parlament saýlawlarynyň birinji tapgyry üçin saýlaw kampaniýasy başlandy. Saýlaw kampaniýasy bary-ýogy 12 gün dowam eder. Bir hepde dowam eden gyzgalaňly bildirişlerden soň, ýurduň 577 saýlaw okrugynda dalaşgärler hasaba alyndy. Häzir ýurtda saýlawçylar bilen duşuşyklar, saýlawyň öň ýanyndaky düşündiriş işleri alnyp barylýar.**

**Ýewropa Parlamentine geçirilen saýlawlarda Fransiýada aşa sagçylaryň ynamly ýeňşinden hem-de «Galkynyş» partiýasynyň şowsuzlygyndan soň Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron fransuz parlamentiniň aşaky palatasy - Milli ýygnagyň ýatyrylýandygyny yglan etdi. Bu barada fransuz lideri teleýaýlym arkaly halka ýüzlenmesinde aýtdy. Makron möhletinden öň geçiriljek parlament saýlawlarynyň birinji tapgyrynyň 30-njy iýunda, ikinji tapgyrynyň bolsa, 7-nji iýulda geçiriljekdigini mälim etdi.**

**6-9-njy iýun aralygynda Fransiýada geçirilen Ýewropa parlamentine saýlawlarda Žordan Bardellanyň ýolbaşçylygyndaky aşa sagçy «Milli bileleşik» partiýasy 32 göterim ses bilen birinji orny eýeledi. Prezident Emmanuel Makronyň «Galkynyş» partiýasy bolsa, 15,4 göterim ses bilen ikinji orny eýeledi.**



**Indi «Milli bileleşigiň» dalaşgäri Žordan Bardella, Premýer-ministriň wezipesine dalaşgärlik edýär. Bu partiýanyň esaslandyryjysy Marin Le Pen bolsa, Milli ýygnakda fraksiýanyň başlygy wezipesinde galmakçy.**

**Parlamentiň aşaky palatasy soňky gezek öňki Prezident Žak Şirak tarapyndan 1997-nji ýylda ýatyrylypdy.**

# Prževalskiniň atlary sähra dolandy

Golaýda Berliniň we Praganyň haýwanat baglarynda saklanýan, Prževalskiniň ýabany atlarynyň dünýädäki iň soňky galanlary Gazagystana getirildi.

Şeýlelikde, alty baýtal bilen bir aýgyr soňky 200 ýylyň içinde gazak sähralyklarynda görlen ilkinji ýabany atlar bolar. Olaryň öňki nesilleri müňlerçe ýyllap bu sebitlerde ýaşapdyrlar. Ýöne 1960-njy ýyllarda ýabany atlaryň sany adam işjeňligi sebäpli ýitip ugrapdyr. Indi olary tebigy ýaşaýan ýerlerine gaýtarmak maksat edinilýär. Gazagystana getirilen atlar Mýunhen we Praga haýwanat baglarynda saklanyp galan iki topara degişlidir.

– Uçar bilen getirilen bu atlar 30 sagatlap aýak üstünde durmaly boldular. Häzirki zaman haýwanat bagynyň esasy maksady diňe bir ýitip gitmek howpy abanýan görnüşleri goramak we köpeltmek däl-de, eýsem, olary ýabany tebigata gaýtaryp bermekdir. Bular dünýäde galan ýeke-täk ýabany atlardyr. Mustanglar – ýabanylaşan öý atlarydyr – diýip, Praganyň haýwanat bagynyň hünärmeni Filip Maşek belledi.

Geljekki bäş ýylda Gazagystana ýene-de 40 aty getirmek meýilleşdirilýär. Praga haýwanat bagy



öňem ýabany atlaryň birnäçesini tebigy ýaşaýan ýerlerine goýberipdi. Atlar birnäçe ýylyň dowamynda Mongoliýa getirilip, häzirki wagtda ýurtda Prževalskiniň ýabany atlarynyň köp sanlysy bar.



# «Ganatly» muzeý açylar

**Abu-Dabide Şeýh Zaýed adyndaky milli muzeýiň gurluşygy tamamlanyp barýar. Futuristik gurluşyň esasy aýratynlygy onuň bäş sany heýkel ganatydyr. Kaşaň desganyň özboluşly binagärlik elementleri içerki salkynlygy saklamak üçin hem niýetlenendir. Açylyş dabarasy 2025-nji ýylda meýilleşdirilýär diýip, «New Atlas» habar berýär.**

**Muzeý BAE-niň ilkinji Prezidenti Şeýh Zaýediň hormatyna gurulýar. Onuň ajaýyp dizaýny Emirlikleriň düýbüni tutujy şeýh Zaýediň laçynly aw awlamaga we ýurduň daglyk ýerlerine bolan söýgüsini ýatladýar. Esasy bina 30 metr beýiklikdäki depe görnüşinde bolup, polat ganatlar 83 metrden 123 metr beýiklige göterilýär. Ganatlar çylşyrymly gurluşy arkaly gyzgyn howany özüne çekmek bilen tüsseçykar ýaly hyzmat edýär.**

**– Howa ötükler arkaly edil tüsseçykardan çykýan ýaly, ýokary göterilýär. Ganat görnüşli diňleriň ýokarky böleginde yssy howany sorujy wentilýasiýa deşikleri bar. Arassa howa aşakda saklanyp, ýere gömlen sowadyjy turbalar arkaly muzeýiň westibýulyna aralaşýar – diýip, «Foster+Partners» kompaniýasynyň işgärleri belleýärler.**

**Muzeýiň içinde gytaklaýyn düşýän tebigy yşyk bilen ýagtylandyrylan giň atrium bar. Iň ýokarky gatda dört sany kapsula görnüşli galereýa bar. Olaryň her biri ganatlaryň biriniň esasyny emele getirýär. Muzeý ulanmaga berlenden soň bu ýerde BAE-niň gadymy artefaktlaryndan başlap, häzirki zaman medeniýeti, şeýle-de Şeýh Zaýediň durmuş ýolunyň möhüm pursatlary bilen tanşyp bolar.**

**Şeýh Zaýed adyndaky milli muzeýiň döredilmegi, adybir adadaky Saadiýat sebitini ösdürmek boýunça has uly taslamanyň bir bölegidir. Bu sebit «Luwr Abu-Dabi» muzeýi, «Berkli Abu Dabi» konserwatoriýasy we häzirki wagtda gurulýan Tebigat taryhy muzeýi ýaly esasy syýahatçylyk ýerleriniň jemlenen medeni merkezidir.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**1893-nji ýylyň 21-nji iýunynda Çikagoda guralan Bütindünýä sergisine gatnaşyjylar taryhda ilkinji gezek syn ediş çarhyna münüp görýärler. Bu wakadan iki ýyl öň illinoýsly ýaş inžener Jorj Ferris serginiň guramaçylaryna adamlar üçin kabinalary bolan äpet syn ediş çarhyny gurmagy teklip edýär. Ferrisiň bu oýlap tapyşyna Newada ştatynyň Karson derýasynda gurlan suw degirmeniniň çarhlary ylham berýär.**



# ÇARWADARLARYŇ V BÜTINDÜNÝÄ OÝUNLARY

Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlaryna gatnaşyjylary kabul etmäge taýýarlyk görülýär. Bu ýylky sport çäreleri 8-15-nji sentýabr aralygynda «Uly sährada duşuşyk» şygary astynda geçiriler. Bu çärä 100 ýurtdan 4 müň türgen gatnaşar diýlip garaşylýar. Çäräniň guramaçylary Astanada boljak oýunlara taýýarlyk işleri barada maslahat geçirdiler. Maslahatyň barşynda ýaryşa gatnaşyjylaryň eşikleriniň we medallarynyň nusgalary görkezildi.

Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlarynyň maksatnamasy sport, medeniýet we ylym ýaly üç esasy ugry öz içine alýar. Guramaçylaryň pikiriçe, bu çäre çarwa medeniýetini gorap saklamaga, öwrenmäge we mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berer.

– «Kazanat» aýlawyndan uzakda bolmadyk ýerde ýerleşýän «Çarwadarlaryň dünýäsi» etno obasynda we onuň töwereklerinde at çapyşyklar, «kok-boru» (gök böri), şuňkarlar bilen



aw awlamak boýunça ýaryşlar guralar. Žaksylyk Uşkempirow adyndaky başa-baş göreş sungaty we «Alau» köşgünde milli göreş boýunça ýaryşlar, «Duman» myhmanhana toplumynda bolsa, intellektual oýunlar geçiriler – diýip, Gazagystan Respublikasynyň sport we syýahatçylyk ministriniň orunbasary Serik Žarasbaýew aýtdy.

Bäsleşikler sportuň 21 sany milli görnüşleri boýunça geçiriler. Oýunlaryň açylyş dabarasy «Astana Arena» stadionynda, ýapylyş dabarasy bolsa, «Kazanat» aýlawynda guralar. Bu ýaryşlara tomaşa etmek üçin Gazagystanyň paýtagtyna 100 müňden gowrak syýahatçynyň gelmegine garaşylýar. Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlary – sportuň etnik görnüşleri boýunça halkara ýaryşlardyr.

2014-nji ýylda Gyrgyz Respublikasynda geçirilen Çarwadarlaryň I Bütindünýä oýunlaryna 18 ýurtdan 300 töweregi türgen gatnaşyp, sportuň 11 milli görnüşi boýunça bäsleşipdiler. 2016-njy ýylda geçirilen II oýunlarda 53 ýurtdan müňden gowrak türgen gatnaşypdy. 2018-nji ýylda Çarwadarlaryň III Bütindünýä oýunlary Gyrgyzystanyň Issyk-Kul kölüniň kenarynda geçirilipdi. 2022-nji ýylda Çarwadarlaryň IV Bütindünýä oýunlary Türkiýäniň Bursa welaýatynyň Iznik etrabynda geçirilipdi. Şol döwürde oýunlar ilkibaşda Gyrgyzystanda guralansoň, Gyrgyzystanyň awtorlygyny saklamak şerti bilen Türkiýede guramak ylalaşylypdy. Bu oýunlara dünýäniň 102 ýurdundan 3 müňden gowrak türgen gatnaşypdy. Bäsleşikler sportuň 13 görnüşi boýunça geçirilip, türgenler göreş, atçylyk sporty we ýaýdan ok atmak ýaly ugurlar boýunça ukyplaryny synapdylar.

Şeýle hem 2021-nji ýylda Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlarynyň ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilendigi habar berildi. Bu karar guramanyň Pariždäki mejlisinde kabul edildi.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# GARPYZ – JANA ŞYPALY BAKJA ÖNÜMI

Tomus paslynyň gelmegi bilen ak bazarlaryň bezegine öwrülýän garpyz jana şypaly bakja önümleriniň biridir. Garpyzyň dünýäde 1 müň 200-den gowrak görnüşi bolup, ata Watany Afrika hasaplanýar. 96-dan gowrak ýurtda ösdürilip ýetişdirilýän garpyzyň suwsuzlygy gandyrmakdan başlap, saglyk üçin birnäçe peýdasy bar. 90 göterimden gowragy suwdan ybarat bolan bu bakja önüminiň düzüminde A, C, B6 witamini, natriý, kaliý, belok, şeker we uglewodlar saklanýar.

Garpyz ýürek-damar ulgamynyň işini sazlamak bilen, myşşalardaky agyryny azaltmaga, bedeniň agramyny kadaly derejede saklamaga, iýmiti ýeňil siňdirmäge we Gün şöhlesinden derini goramaga ýardam edýär. Howanyň gyzgyn günlerinde ýeterlik derejede garpyz iýlende beden üçin zerur bolan suwuklygyň öwezini dolup bolýar.

Garpyz howanyň yssy günlerinde bedeniň gyzgynlygyny sazlap, bogunlaryň, myşşalaryň we oňurga ýiliginiň goraglylygyny üpjün edýär. Şeýle hem bu bakja önüminiň bedendäki artykmaç galyndylary (duz, daş bölekleri, mineral çökündiler) aýyrmakda uly peýdasy bar.



Garpyzyň gabygynyň agymtyl bölegindäki tebigy maddanyň gan aýlanyşyny gowulandyryp, damarlaryň rahatlanmagyna we gan basyşynyň kadaly derejede saklanmagyna oňaýly täsir edýändigi ýüze çykaryldy.

Bilermenler artykmaç agramdan dynmak isleýänlere garpyz iýmegi maslahat berýärler. Süýjiniň deregine garpyz iýlende bedene zerur bolan glýukozany tebigy usulda alyp bolýar.

ABŞ-da geçirilen barlaglarda aşa semiz adamlara 4 hepdäniň dowamynda ýeňil naharlar bilen bilelikde her gün iki bulgur garpyz şiresi berildi. Barlaga gatnaşyjylar iki topara bölünip, birinji to-



par adaty durmuş ýörelgesini dowam etdirdiler. Ikinji topara ýagly we süýji iýmitleri iýmek gadagan edildi hem-de iýmit sanawyna garpyz goşuldy. Barlagyň netijesinde garpyz iýen toparyň çalt horlanandygy, biliniň kadaly derejä gelendigi, böwrek ýetmezçiligi we gan basyşy bilen bagly meseleleriň aradan aýrylandygy ýüze çykaryldy.

Garpyzyň düzüminde ýokary derejede süýüm we prebiotikler (içege üçin peýdaly maddalar) saklanýar. Bu bolsa içegeleriň işini ýeňilleşdirip, iýmit siňdirişe ýardam edýän bakteriýalaryň ösmegine we işjeňleşmegine itergi berýär.

Tomus paslynda Gün şöhlesiniň zyýanly täsirinden goranmak üçin ýeterlik derejede garpyz iýmeli. Garpyzyň düzümindäki A, B we C witaminleri, kaliý, magniý we antioksidantlar deriniň juwan we çeýe saklanmagyna ýardam edýär.

**NÄÇE MUKDARDA GARPYZ IÝMELI?**

Garpyzyň gündelik iýilmeli mukdary adamyň ýaşyna we saglyk ýagdaýyna görä üýtgeýär. Her gün ýarym pelle garpyz iýmek kadaly ölçeg hasaplanýar. Miwe allergiýasy we süýjüli diabeti bolan adamlara garpyz iýmek maslahat berilmeýär.

**GARPYZYŇ GOWUSYNY NÄDIP SAÝLAMALY?**

**Daşky görnüşine seretmeli.** Eger-de garpyzyň reňki solgun däl-de, ýiti bolsa, bu onuň täzedigini aňladýar. Zolaklary sargylt, öçüksi bolsa, könedigini görkezýär. Şeýle hem garpyzyň daşy myssaran (ýumşak) bolsa, bu onuň has ir ýolnandygynyň alamatydyr.

**Sapagyna üns bermeli.** Eger-de garpyzyň baldagy ter bolsa, ýaňy ýolnandygyny aňladýar. Gury baldaklar bu bakja önümiň has öň ýygnalandygyndan habar berýär.

**Agramyna üns bermeli.** Bişen garpyzyň agramy bişmedik garpyza görä ýeňil bolýar. Şol sebäpli garpyz almazdan ozal eliňiz bilen ölçäp görüň!

**Sesini diňlemeli.** Barmagyňyz bilen garpyzy pitikläp görüň! Bişen garpyz içi boş ýaly ses berýär. Tyňňyldaýan çuň ses bu bakja önüminiň suwludygyny we gowy bişendigini görkezýär. Eger-de garpyzyň sesi içine dykyz ýaýraýan bolsa, entek bişip ýetişmändigini aňladýar.

Kesilmedik garpyzy otag şertinde 7-10 günläp saklap bolýar. Kesilen garpyzy 2-3 günläp iýmit sowadyjysynda saklamak mümkin.



# YSSYDAN GORANMAGYŇ USULLARY

**Soňky ýyllarda klimatyň üýtgemegi bilen dünýäde aşa sowuk we aşa yssy howa derejeleri hasaba alynýar. Howanyň gyzgynlygynyň güýçlenmegi bilen adamlarda ysgynsyzlyk, işdäsizlik, huşdan gitme, başaýlanma, Gün urma ýaly alamatlar ýüze çykyp bilýär. Gün şöhlesiniň içiňden geçip barýan howry saglyk üçin zyýanly bolup, aşa gyzgynlykdan goranmak üçin birnäçe şertleri berjaý etmeli.**

**Salkynlygy saklamak.** Tomus paslynda açyk reňkli, ýeňil we ýumşak egin-eşikleri geýmeli. Bu bedeni salkyn saklamagyň bir usulydyr. Galyberse-de, öýde we iş otaglarynda howanyň gyzgynlygyna laýyklykda serginledijini işletmeli. Emma serginlediji ulanylanda her 2-3 sagatdan öçürilip, 10-15 minut howa çalşandan soň gaýtadan işledilmeli. Howanyň gyzgynlygyna garamazdan serginledijiniň göni gabadynda oturmak ýa-da ýatmak, suwa düşüp serginledijili otaga girmek maslahat berilmeýär. Her gün pollary çygly esgi bilen süpürip çykmak hem öýi salkyn saklamaga ýardam edýär.

**Ýeterlik suw içmek.** Aşa yssy günlerde arassalanan agyz suwuny ýanyňdan goýmaly däl. Bedeniň biologik ýagdaýyna görä her gün ýeterlik derejede suw içmeli. Tomus paslynda bedeniň suwsuzlygyny miwe şerbetleri, gök çaý, aýran ýaly tebigy içimlikler bilen hem gandyryp bolýar. Konsentirlenen we gazlandyrylan içimlikler bilen suwsuzlygyňy gandyrmak maslahat berilmeýär.

**Aýratyn meýilnama düzmek.** Gyş, ýaz we güýz pasyllarynda adaty gün tertibini ýöredip bolar. Emma tomus pasly üçin her kim iş we durmuş derejesine görä aýratyn meýilnama düzmeli. Mysal üçin, sport maşklaryny azaldyp, salkynda türgenleşmek; meýdan işlerini irräk turup dynmak we günortanyna öýden çykmazlyk; bitirmeli möhüm işleriňi salkynda ýerine ýetirip, gündizine dynç almak we ş.m.

**Howa maglumaty bilen tanyşmak.** Howa maglumaty bilen her gün tanyşyp durmaly. Işleriňi howanyň ýagdaýyna görä sazlap, aşa gyzgynda öýden çykmazlyga endik etmeli.

**AÝRATYN IDEG ETMELI**

Yssy howa uly ýaşly adamlara, bäbeklere we çagalara has ýiti täsir edýär hem-de saglyk bilen bagly käbir töwekgelçiligi döredip bilýär. Şol sebäpli tomus paslynyň dowam edýän günlerinde bäbeklere, çagalara we uly ýaşly adamlara howa salkynlanda daşary çykmak maslahat berilýär. Olar ýokary temperatura çydamsyz bolup, aýratyn ideg zerur bolup durýar.

Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde çagalar iýmitlendirilende käbir ýagdaýlary göz öňünde tutmaly. Şeýle hem tiz taýýar bolýan hem-de gaplanan iýmitler bilen çagalary naharlamaly däl. Yssy howada bäbeklere we çagalara ýeňil we açyk reňkli egin-eşikleri geýdirmeli. Körpejeler arassa howa çykarylanda ýany bilen hökmany ýagdaýda suw almaly. Howanyň gyzgyn günlerinde bäbegi ýa-da çagany awtoulagda ýeke goýup gitmeli däl. «Derrew gelerin» diýen pikir bilen edilýän bu ýalňyşlyk dürli nogsanlyklara getirip bilýär.



# Hallstatt – AWSTRIÝANYŇ ERTEKI ŞÄHERI

Awstriýanyň Hallstatt şäheri ertekilerdäki ýaly owadan gurluşy bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Hallstätter kölüniň günorta-günbatar kenary bilen Daçşteýn dagynyň dik gaýalarynyň arasynda owadan peýzažy emele getirýän şähere awtoulagly ýa-da otluly baryp bolýar. 59 müň 72 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Hallstatt şäheri deňiz derejesinden 511 metr belentlikde ýerleşýär.



Meşhur syýahatçylyk şäheri «Marktplatz Hallstatt» atly kiçijik meýdançasy bilen myhmanlary garşylaýar. Şäheriň 3-4 gatly pessejik jaýlary we beýikli-pesli daşly köçeleri XVI asyry ýadyňa salýar. Alp daglarynyň etegindäki şäherde dünýäniň iň gadymy duz känleriniň biri bolan Salzwelten Hallstatt we Beinhaus şahtalary bar. Häzirki wagtda muzeý hökmünde ulanylýan bu ýere relslerden ýöreýän arabalara münüp baryp bolýar. Duz magdanyna barmak isleýänlere ilki ýörite gorag eşikleri geýdirilýär. Soňra ýörite ýerasty muzeýe äkidilýär.

Hallstatt şäherini ýokardan synlanyňda has owadan görünýär. Kölüň kenaryndaky şäherde gaýykly gezelençler hem guralýar. Ýerli we daşary ýurtly syýahatçylaryň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan «erteki şäheriniň» ilaty müňden geçmeýär. Ýylyň her möwsümi başgaça gözellige beslenýän bu şäher Awstriýanyň esasy syýahatçylyk ýerleriniň biri hasaplanýar.

Şäheriň her künjeginde şu güne çenli saklanyp galan taryhy binalary görmek bolýar. Hyýaly filmlerdäki gözellikleri göz öňüňde janlandyrýan bu şäherde ýadygärlik sowgatlyklary we duz satylýan ýörite dükanlar bar. Hallstatt şäheriniň köçelerinden ýöräp barýarkaň özüňi hyýaly dünýäde ertekilerdäki ýaly duýýarsyň.

## ÇAGALAR

**Žiraflar iň az uklaýan süýdemdirijidir. Uzyn boýly bu jandarlara günde 2-3 sagat uky ýeterlik.**

# Tomus paslynyň gyzykly güýmenjesi: SIZ ÝÜZÜP BILÝÄŇIZMI?

**Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde serginlemek hem-de wagtymyzy has-da şadyýan geçirmek üçin iň gyzykly güýmenjeleriň biri hem ýüzmek bolsa gerek. Deňiz kenarynda, çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde ýörite howuzlar bolup, bu ýerlerde çagalar üçin ýüzmäge mümkinçilikler döredilen. Şeýle hem paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda suw-sport desgalary bolup, ol ýerlerde dürli ýaşdaky çagalar üçin niýetlenen howuzlarda isleg bildirýänlere ýüzmegiň düzgünleri öwredilýär. Ýüzmek beden üçin iň peýdaly sport görnüşleriniň biri hasaplanýar. Eýsem, ýüzmegiň nähili peýdalary barka?!**



Beýleki sport görnüşlerinden tapawutlylykda ýüzmek bedeniň ähli agzalarynyň deň derejede hereket etmegini talap edýär. Suwuň belli bir garşylygy bolup, ony ýeňip geçmek üçin güýç, tizlik, çydamlylyk we çeýelik gerek. Keseligine hereket edilýändigi sebäpli yzygiderli ýüzmegiň boýuň ösmegine hem peýdasynyň bardygy bellenilýär. Ýüzmek özüňe bolan ynamyňy berkidýär. Hünärmenler ýüzmek bilen meşgullanýan çagalaryň okuw derslerini has gowy özleşdirýändiklerini belleýärler.

**HOWPSUZLYK DÜZGÜNLERINI BERJAÝ EDIŇ!**

Ýüzüp bilmeýän bolsaňyz, çuň ýa-da akyp duran suwa girmekden saklanyň! Çünki bu siziň üçin howpludyr. Howuzdan ýa-da deňizden çykan badyňyza arassa suw bilen ýuwunmaly. Nahardan soň we aç wagtyň suwa girmek maslahat berilmeýär. Şol sebäpli naharlanylandan 1 sagat çemesi wagtdan soň ýüzmek maslahat berilýär.

Suwa girilende arassalygyna üns bermeli. Deňiz suwy şor (duzly) bolandygy üçin süýji suwa garanyňda, has dykyz bolýar. Şor suwa garanyňda süýji suwda ýüzmek has kyn. Ýata suwlara, hapa suwly köllere ýa-da suwy wagtly-wagtynda çalşylmadyk howuzlara girmekden gaça durmaly. Göz we deri keselleri suw arkaly hem geçip bilýär. Süýr günortan – Gün şöhlesiniň dik düşýän wagty suwa girmekden saklanmaly.

Çalt akýan suw ýüzmegi kynlaşdyrýar. Suwda howsala düşmek gark bolmagyň esasy sebäpleriniň biri bolup, dowla düşen adam aljyrap özüni ýitirýär. Şeýle ýagdaýlarda özüňi asuda alyp barmaly. Ýörite howuzlaryň töweregi typançak bolýandygy sebäpli, bu ýerlerde ylgamaly däl. Aýagyň taýyp, ýykylmagyňyz mümkin. Oýun edip hem bolsa, hiç kimi habarsyz suwa itmeli däl. Ýadanyňyzy duýan badyňyza suwdan çykmaly. Çuň, bulanyk we belet bolmadyk ýerleriňizde suwa girmekden saklanmaly. Suwa birden bökmeli däl. Ýüzmäge ökde bolsaňyz hem suwa gireniňizde ýanyňyzda kimdir biriniň bolmagyna üns beriň, ýekelikde ýüzmekden gaça duruň!

Tymsal

# Oňaýly pursat

**Ýaş ýigit babasyndan maslahat almak maksady bilen olara myhmançylyga barýar. Olar çaý-nahar edinenlerinden soň, agtygy babasyna ýüzlenip:**

**– Baba, siziň bilen bir maslahatym bar. Meniň dostlarymyň biri zehinli programmaçy. Ol maňa bilelikde internet ulgamy bilen baglanyşykly biznes açmagy teklip etdi. Bilşiňiz ýaly, men oňat hünärmen, eýýäm bir ýyl bäri ýokary aýlykly maglumat tehnologiýasy kompaniýasynda işleýärin. Ine, görşüňiz ýaly, golaýda awtoulag hem edindim. Men bir tarapdan, biznesimiziň ugruna bolup gitjegine ynanman hem duramok, ýöne beýleki bir tarapdan hem düşewüntli işimi ýitiresim gelenok. Siz nähilem bolsa, öz wagtynda işewürlik bilen meşgullanan adam, bu ugurdan tejribäňiziň az däldigini bilýän. Belki, siz maňa näme etmelidigini maslahat berersiňiz?!**

**Babasy biraz dymyp, soňam şeýle diýipdir:**

**– Siziň biznes taslamaňyz hakda maňa belli bir pikir aýtmak ýeňil-ä düşmez, dogrusy, men saňa bu mesele babatda näme etseň gowy boljakdygyny anyk maslahat berip biljek däl. Bu meselede seniň özüň belli bir karara gelmeli. Ýöne, men saňa wagt hakynda aýtjak zatlarym bar. Gadymy greklerde**



**iki hili wagt bolupdyr. Hronos – häzirki tükeniksiz, dowamly wagt hem-de Kaýros – hemişe garaşylman durka, aňsatlyk bilen tutdurmaýan şowlulygyň oňaýly pursaty. Garaşylman durka birden peýda bolýan Kaýros – belli bir ýerde durmasa-da, hemişe-de aramyzda gezýär. Ol şeýle bir gaçgak welin, ony tutmag-a beýlede dursun, eýsem, yzlaryny görüp ýetişmegem her kime başartmaýar. Grekler Kaýrosy tutmak üçin özüňde iki zady – aň-düşünjäňi artdyrmalydygyny, duýgurlygyňy wagtynda oýarmalydygyny aýdypdyrlar. Eger-de, saňa şol aýratynlyklary oýarmak başartsa, onda sen geljege nazar aýlap bilersiň we öz gelen kararlaryň islendiginiň netijelerini öňünden bilip bilersiň.**

**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**













Hekaýat

# IŞ HAKY

Günleriň bir güni iki alym haýsydyr bir iş bilen goňşy oba gidipdirler. Olar uzyna dolanyp gelýärkäler eýýäm ikindi çaglary bolan eken. Alymlaryň biri beýlekisine garap:

– Gel, gowusy şu gün bize gideli. Sen meniň myhmanym bol – diýipdir. Dosty ylalaşypdyr. Olar howla girenlerinde alymyň hyzmatçylary jaýyň daşyny suwap ýören ekenler. Öýüň hojaýyny olar bilen birlikde işläp ýören başga bir kişä gözi düşüp:



– O kim? – diýip, sorapdyr.

– Bu adamy şu günlükçe bize kömek eder ýaly hakyna tutduk.

– Ýaman däl. Hawa, onsoň oňa näçe tölemekçi bolýaňyz?

– Aý, işiň ahyrynda bir zatlar eçilerisdä. Elini boş goýbermeris.

Birdenem, öý eýesiniň ýüzi üýtgäp gidipdir. Gahary ýetjek derejesine ýetip, ýarylara gelende, dosty ara düşüp:

– Näme üçin beýle gaharyň geldi-le – diýip sorapdyr.

Şonda öý eýesi hyzmatçylaryna ýüzlenip:

– Men size öňem bir gezek ýatladypdym ahyryn. Eger-de kimdir birine haýsydyr bir işi etdirjek bolsaňyz, öňi bilen iş hakyny gürleşiň diýip. Şondan soň iş buýruň. Iş gutarandan soň, ýene-de üstüne bir zatlar eçilip bilersiňiz. Ol siziň iş hakyny artygy bilen berýändigiňizi görüp, sizden hoşal bolar, sizi gowy görer. Araňyzda birek-birege bolan hormat duýgusy dörär. Ýöne hakyny öňünden belli etmän, birini işletseňiz, işiň soňunda oňa näçe berseňizem, kem berendir öýdüp, birahat bolar – diýip, öýüň eýesi janygypdyr.

*Taýýarlan* **Jumagül WALIÝEWA,**
*«Türkmendeňizderýaýollary» agentliginiň Deňizçilik orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# Kafkanyň haty satylar

Frans Kafkanyň haty auksionda satylar. Bu hat awstriýaly şahyr Albert Erenşteýne, ýazyjynyň dosty we neşirçisine ugradylypdyr. Hatyň ýazylan wagty belli däl. Emma bilermenler onuň 1920-nji ýylyň aprel-iýun aýlary aralygynda ýazylandygyny çak edýärler. Şol döwürlerde Kafka inçekesele uçrap, Italiýanyň demirgazygyndaky Merano şäherindäki hassahanada bejergi alýardy. Kesel ýazyjynyň ruhy ýagdaýyna hem düýpli täsirini ýetirip, döredijilik işine böwet bolýardy.



Barlag geçirijiler Erenşteýniň dostundan özüniň redaktorlyk eden edebi žurnaly «Die Gefaehrten» (Stipendiatlar) üçin bir zatlar ýazmagyny haýyş edendigini çaklaýarlar. Ýöne Kafka jogap hatynda üç ýyl bäri hiç zada eliniň barmaýandygyny, diňe öňki ýazan zatlarynyň çap edilýändigini ýazypdyr. Hünärmenler Kafkanyň hatlarynda özüniň eserleri barada kän gürrüň gozgamaýandygyny belleýärler.

– Ýazyjylyk işi Kafkadan çuňňur içki güýç talap edýärdi. Ol indi ýazyjylyk işinden halys ýadapdy – diýip, London auksionynyň kitaplar we golýazmalar boýunça hünärmeni Gabriel Hiton belledi. Gabriel Hiton bu hatyň ýazyjynyň umytsyzlyga uçranda ýazandygyny çaklaýar. Emma soňra döredijilik durgunlygyny ýeňip geçmegiň hötdesinden gelip, «Gala» romanyny, şeýle-de «Aç suratkeş» ýaly hekaýasyny ýazdy.

Onlaýn auksion 27-nji iýunda geçiriler. «The Guardian»-yň habaryna görä, lotuň bahasy, takmynan, 70 müňden 90 müň funt sterlinge deňdir.

# 84 ýyldan soň gaýtaryldy

1939-njy ýylyň 26-njy dekabrynda kitaphanadan alnan Artur Konan Doýluň «Sürgünler» romanynyň fin dilindäki terjimesi 84 ýyldan soň Helsinkidäki Oodi kitaphanasyna gaýtarylyp berildi.

Kitaby kabul eden kitaphanaçy Haneý Strand, şu çaka çenli şeýle giç getirilen kitaby alyp görmändigini aýtdy. Kitaby yzyna gaýtaryp beren bilen okyjynyň arasyndaky gatnaşyk bolsa, näbelliligine galdy.

– Köplenç, möhleti geçen kitaplar aradan çykanyň garyndaşlary tarapyndan zerur bolan halatynda yzyna gaýtarylyp berilýär – diýip, Strand aýdýar.

– 1925-nji ýylda neşir edilen bu kitap, abat saklanyp galanlygy sebäpli ýene-de okyjylara bermek üçin elýeterli bolar – diýip, Haneý Strand aýtdy.



# Tomusda okalmaly kitaplary maslahat berdi

«Microsoft» kompaniýasyny esaslandyryjy, milliarder Bill Geýts tomusda okamak üçin her ýylky kitap sanawyny mälim etdi. Geýts kitaplaryň her biriniň ýanyna maslahat beriş hatlaryny hem goşdy. Sanawa telekeçiniň pikiriçe, özgelere kömek edýänleriň ýagşy niýetleri, olaryň ýüzbe-ýüz bolýan kynçylyklary, şeýle işiň ähmiýeti barada pikirlenmäge mejbur edýän eserler girdi. Geýtsiň düzen sanawynda şu kitaplaryň üstünde durlup geçilýär.

Kristin Hannan, «Zenanlar»: Wýetnamdaky söweşleri başyndan geçiren şepagat uýasy hakdaky roman. «Bu başyndan geçiren güzaplary üçin ykrar edilmäge mynasyp bolan weteranlara goýlan ajaýyp hormatdan nyşandyr».

Kris Anderson, «Ýokuşagan jomartlyk»: aýratyn şahsyýetlerden başlap, ähli kompaniýalara çenli hemmetaraplaýyn sahylygy ösdürmegiň meýilnamasy. «Eger siz has adalatly dünýäni döretmäge kömek etmek isleseňiz, ýöne nämeden başlajagyňyzy



bilmeýän bolsaňyz, onda «Ýokuşagan jomartlygy» okaň, çünki bu kitap siziň üçin ýazylan ýalydyr».

Sel Han, «Batyrgaý täze sözler»: emeli aňyň bilimiň hilini düýpgöter gowulandyryp, hemmeler üçin elýeterli we täsirli edip biljekdigine bil baglaýan garaýyş. «Bilimiň geljegine Sel Handan gowy düşünýän başga adam ýok bolsa gerek, şonuň üçin men bu kitaby okamagy maslahat berýärin».

Dewid Bruks, «Adamy nädip tanamaly?»: adamlar bilen aragatnaşyk saklamak we pikir alyşmak ukybynyň ösdürilýän endiklerdigi hakyndaky kitap. «Men Dewidiň «Häsiýete barýan ýol» atly öňki kitabyny gowy görüpdim, ýöne bu kitap has-da üýtgeşik». Ol «Örän ünsli diňlemek» diýilýän zat barada peýdaly maslahatlary berýär, bu tejribe başgalaryň özüni diňländigini we gadyrynyň bilinýändigini duýmaga kömek eder».

Şeýle hem işewür «Çaman atlar» atly seriala tomaşa etmegi maslahat berdi.

Meşhur işewür her ýylyň tomus we gyş pasyllarynda, adatça, bäş sany kitaby okamagy maslahat berýär.

**Larisa MAMEDOWA,** *Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Magtymguly adyndaky kitaphananyň Neşirleri toplamak we işlemek bölüminiň 1-nji derejeli redaktory.*

# Tarkowskiniň gyzy aradan çykdy

11-nji iýunda belli sowet rus şahyry Arseniý Tarkowskiniň gyzy we režissýor Andreý Tarkowskiniň aýal dogany Marina Tarkowskaýa 89 ýaşynyň içinde aradan çykdy.

Marina Tarkowskaýa Moskwanyň döwlet uniwersitetiniň filologiýa fakultetiniň roman-nemes dilleri bölüminiň agşamky bölüminde okady. Ilki «Russkiý ýazyk» neşirýatynda korrektor, soň bolsa redaktor bolup işledi. Ol «Aýnanyň bölekleri», «Arseniý Tarkowskiý: setirleriň arasynda meniň ykbalym köýdi», «Andreý baradaky ýatlamalar», «Indi biziň täze salgymyz bar» ýaly kakasy we dogany baradaky ýatlamalar kitaplarynyň awtorydyr. Marina Moskwada «Tarkowskiniň öýi» muzeýiniň döredilmegi ugrunda tagallalaryny gaýgyrmandy.



«Şu gün Marina Arsenýewna Tarkowskaýa aradan çykdy. Bu meniň şahsy hasratym. Iň köne joram, meniň söýgüli awtorym dünýäden ötdi. Biz onuň «Aýnanyň bölekleri» atly ajaýyp kitabyny täzeden çap etmäge ýetişdik. Ol bu kitaby eline alyp görmäge ýetişdi» diýip, edebiýat bilermeni Ýelena Şubina ýazdy.

Ýatlap geçsek, Marinanyň kakasy şahyr we terjimeçi Arseniý Aleksandrowiç Tarkowskiý (1907-1989) SSSR-iň döwlet baýragynyň, Türkmenistan SSR-niň döwlet baýragynyň (1971) we Garagalpak awtonom SSR-niň döwlet baýragynyň (1967) eýesidir.

Şeýle hem Marina belli sowet teatr we kino režissýory, ssenariçisi, RSFSR-iň halk artisti, Lenin baýragynyň eýesi Andreý Tarkowsiniň (1932-1986) doganydyr.

# Paýhaslar

☑ Adamlar köpriniň ýerine diwar gurýandyklary üçin ýalňyz.

***Stanislaw Ýeži Les.***

☑ Mydama häzirki edýän işiňizi etseňiz, elmydama alýan zadyňyzy alarsyňyz. Başga-da bir zatlar gazanmak üçin bir zatlary üýtgetmeli.

***Halk pähimi.***

☑ Köplenç günäkär bagyşlanmagyny soramaýar. Gatnaşyklaryň gadyryny bilýän adam bagyşlanmagyny soraýar.

***Erih Mariýa Remark.***

☑ Kimiň güýçlüdiginiň, kimiň has akyllydygynyň, kimiň owadandygynyň, kimiň baýdygynyň näme tapawudy bar. Eýsem, iň möhüm zat, sen bagtlymy ýa-da ýok?

***Oşo.***

☑ Hakykaty aýdyň, şonda hiç zady ýadyňyza salmaly bolmarsyňyz.

***Mark Twen.***

☑ Men elmydama adamlarda diňe gowy taraplary gözleýärin. Erbetliklerini özleri görkezerler.

***Wladimir Wysoskiý.***

☑ Göwnüçökgünlik ejizligiň alamaty däl – bu uzak wagtlap güýçli bolmaga jan edendigiňiziň alamaty.

***Zigmund Freýd.***

☑ Akylly ýalňyşlyk goýbermeýän adam däl, akylly ýalňyşlygy nädip aňsat we çalt düzedip boljakdygyny bilýän adamdyr.

***Maksim Gorkiý.***

☑ Umytsyz adam her bir mümkinçilikde kynçylyklary görýär; umytly adam bolsa her bir kynçylykda mümkinçilik görýär.

***Winston Çerçil.***

☑ Iş bilen meşgul boluň. Bu ýer ýüzündäki iň arzan we iň täsirli dermandyr.

***Deýl Karnegi.***

☑ Her bir adam öz bagtynyň demirçi ussasy bolup, kellesi oňa çekiç ýa-da sandal ýaly hyzmat edýär.

***Andreý Knyşew.***

☑ Bir işi etmek isleýänler ýol gözleýärler, islemeýänler bolsa, bahana gözleýärler.

***Sokrat.***

☑ Ýabany haýwanlardan gorkmaly däl, erbet dostlardan gorkmaly. Ýabany haýwan diňe bedeni ýaralaýar, erbet dost bolsa ruhy ýaralaýar.

***Siddhartha Gautama.***

☑ Ejizler hiç haçan bagyşlamaýarlar. Bagyşlamak ukyby güýçli adamlara mahsusdyr.

***Mahatma Gandi.***

## 26-njy SKANWORD



**Ogulgül MYRADOWA,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## 33-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Guş. **2.** Pakistanda bir şäher. **3.** Awçy, aw awlaýan adam. **4.** Pul serişdelerini saklaýan we dürli maliýe amallaryny geçirýän edara. **5.** Gorkunç, elhenç. **7.** «Baýlyk ... däl, garyplyk – uýat» (nakyl). **8.** Gülle, ok. **11.** Balygyň bir görnüşi. **12.** Dindar, namazhon. **14.** Himiki element. **15.** «Köňli gara bile bolmaňlar ...,/Ýokar ondan dürli-dürli kesapat» (Magtymguly Pyragy). **16.** Süýtden gaýnadylyp taýýarlanýan önüm. **17.** Gazagystanda bir şäher. **19.** Adam we haýwan organizminiň kadaly işlemegini üpjün edýän organiki madda. **22.** Aýratyn adamyň ömür ýolunyň ýa-da edaranyň işlemeginiň bellenilip geçilmeli ýyllygy. **23.** Atyň toýnagynyň iç ýüzündäki oýtak ýer. **24.** Ulumsy, gopbam. **31.** «Jeň eýleme ... bilen» (Mätäji). **32.** Galla üwelýän kärhana. **34.** Dermanlyk ösümlik. **37.** Bir dine, mezhebe uýýan adamlar, halk. **38.** «... atyň arkasyndan müň at suw içer» (nakyl). **39.** Ýerden atylyp çykýan gyzgyn çeşme. **40.** Planetalaryň daşyndan aýlanýan asman jisimi. **41.** Magtymguly Pyragynyň bir goşgusy. **42.** Demirgazyk Amerikada bir köl. **43.** Jany sag, sagdyn. **45.** Igenjeň, käýinip ýören.

● **KESELIGINE:** **1.** Çal reňkli, iri ýaprakly dik ösýän haşal ot. **6.** Saturn planetasynyň hemrasy. **9.** Gündogar Afrikada bir döwlet. **10.** Üstünde kitap goýup okamaga hyzmat edýän açylyp-ýapylýan ganat şekilli tagta (köne söz). **12.** Aw guşy. **13.** Ýaşamak üçin ýerden gazylyp edilýän küme. **18.** Düýe çopany. **20.** Meşhur grek şahyry. **21.** Çölde ýaşaýan keýige meňzeş süýdemdiriji jandar. **25.** Agşam, iňrik garalan çagy. **26.** Gowy, ýagşy. **27.** Uly halta. **28.** Gözüň iki içki gyrasy. **29.** Duzak, gapan. **30.** Baş, kelle. **33.** Agzyň içinde, dodakda, burunda çykýan düwürtikli kesel. **35.** Içi düşen, zaýalanan ýumurtga. **36.** Küşt maly. **44.** Dünýäniň ýedi täsinliginiň biri. **46.** Suw paýlamak, suw nobatyna we suw tutmaly wagta gözegçilik edýän adam. **47.** Keýigiň çagasy. **48.** Howsala düşüp aljyraňňy ýagdaýda bolmak. **49.** Adamyň, jandaryň eňeginiň aşak ýüzi. **50.** Russiýanyň futbol topary.



**Berdi GURTGELDIÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Balkanabat bölüminiň talyby.*

25-nji skanwordyň jogaby:



31-nji krosswordyň jogaby:



32-nji krosswordyň jogaby:



# 17-nji ÝEWROPA ÇEMPIONATY DOWAM EDÝÄR

**Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionaty ýokary depginde dowam edip, toparçalardaky 1-nji aýlawyň duşuşyklary tamamlandy.**

Çempionatyň açylyş duşuşygynda ýer eýeleri Germaniýanyň ýygyndysy Şotlandiýany 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşygyň 10-njy minutynda hasaby açan Florian Wirts dim Baýramy 23-nji sekuntda hasaby açyp, adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrdy. Ol çempionatyň iň çalt goluny geçirip, täze rekord goýdy. Bu ugurda ozalky rekord russiýaly Dmitriý Kiriçenko degişlidi (65-nji sekunt, 2004). Soňlugy bilen italýanlar «interli» oýunçylarynyň — Bastoni hem-de Barellanyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy.








çempionatyň ilkinji goluny derweză girizdi. Wengriýa bilen Şweýsariýanyň arasyndaky oýunda-da şweýsarlar garşydaşyny 3–1 hasabynda ýeňmegi başardy.

### Iň ýaş oýunçy

«B» toparçada Ispaniýa bilen Horwatiýanyň ýygyndysy duşuşyp, matadorlar 3–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Ispanlara ýeňiş getiren gollary Morata, Fabian Ruiz hem-de Karwahal geçirdi. Alwaro Morata çempionatyň taryhyndaky 7-nji goluny geçirip, bu ugurda 3-nji orna beýgeldi. Duşuşykda esasy düzümde oýnan ispaniýaly Lamin Ýamal çempionatyň taryhyndaky iň ýaş futbolçy hökmünde hasaba alyndy (16 ýaş 338 gün). Oýnuň 80-nji minutynda Bruno Petkowiç penaltini dürs urup bilmedi. Şol pursatda derwezeçiden gaýdan top tora girse-de, VAR-yň görkezmesi boýunça ol emin tarapyndan hasaba alynmady. Bruno Petkowiç EURO 2020-de hem iňlisleriň derwezesinden penalti geçirip bilmändi.

### Iň çalt gol

Toparçadaky beýleki oýunda-da soňky çempion Italiýa bilen Albaniýanyň ýygyndylary duşuşdy. Albaniýanyň ýygyndysynyň ýyldyzy Nedim Baýramy 23-nji sekuntda hasaby açyp...

«C» toparçada Daniýanyň ýygyndysy bilen Sloweniýanyň ýygyndysy duşuşdy. Duşuşykda geçen çempionatda oýun mahaly ýüregi durup, soňlugy bilen täzeden futbola dolanan Kristian Eriksen şol wakadan 1100 günden soň ýene bir Ýewropa çempionatynda tapawutlandy. Onuň 17-nji minutda geçiren goluna Sloweniýanyň ýygyndysyndan Ýanža 60 minutdan soň jogap berdi we duşuşyk şu çempionatyň ilkinji deňlikde gutaran duşuşygy boldy. Toparçanyň beýleki duşuşygynda-da Angliýanyň ýygyndysy Jud Bellingamyň ýeke-täk goly esasynda Serbiýany 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

«D» toparçada Polşa bilen Niderlandlaryň arasyndaky oýunda günbatarlylar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 45 ýyldan bäri Niderlandlary ýeňip bilmän gelýän polýaklar duşuşygyň 16-njy minutynda Buksanyň goly esasynda öňe geçse-de, 29-njy minutda Gakpo hasaby deňledi. Oýnuň ahyrlarynda meýdança giren Weghorst 2 minutdan soň tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

Toparçanyň beýleki duşuşygynda Fransiýanyň ýygyndysy Maksimillian Wöberiň 38-nji minutda öz derwezesinden geçiren goly esasynda Awstriýany 1–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň ahyrynda burny döwlen ýyldyz oýunçy Kilian Mbappeniň toparçalardaky galan 2 duşuşygy goýbermegine garaşylýar. Karýerasy boýunça Ýewropa çempionatynda entek gol geçirip görmedik Mbappe ýygyndysy pleý-off tapgyryna çykan ýagdaýynda-da ol ýörite maska bilen oýnar.

«E» toparçadaky duşuşyklaryň ikisinde-de garaşylandan tapawutly hasaplar ýüze çykdy. Rumyniýanyň ýygyndysynyň Ukrainanyň ýygyndysyny uly hasap bilen ýeňmegine garaşylanokdy. Ýöne rumynlar 3 owadan gol bilen garşydaşyny ýeňmegi başardy. Gollary Stançu, Razwan Marin hem-de Draguş derweză girizdi.

Toparçadaky beýleki oýunda-da çempionatyň ilkinji iň esasy garaşylmadyk netijesi hasaba alyndy. Belgiýanyň ýygyndysy Slowakiýanyň ýygyndysy bilen duşuşyp, 7-nji minutda Iwan Şransyň geçiren goluna belgiýalylar jogap berip bilmedi. Ýyldyz hüjümçi Romelu Lukaku 2 gol geçirdi. Ýöne onuň 2 goly hem hasaba alynmady. Duşuşyk 1–0 hasabynda Slowakiýanyň peýdasyna tamamlandy.

«F» toparçada Türkiýäniň ýygyndysy bilen debýutant Gruziýanyň ýygyndysy duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda türkler 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň 25-nji minutynda Merih Demiralyň owadan goluna 32-nji minutda gruzinler Mikautadzeniň goly bilen jogap berdi. 2-nji ýarymda-da, duşuşygyň 65-nji minutynda Arda Güleriň ajaýyp goly bilen Türkiýe öňe saýlandy. Duşuşygyň 90+7-nji minutynda-da Kerem Aktürkoglu derwezeçiniň öňe gitmeginden ýerlikli peýdalanyp, topy boş derweză gönükdirip, oýna soňky nokady goýdy. 19 ýaşly Arda Güler portugaliýaly Kristiano Ronaldodan soň Ýewropa çempionatyndaky ilkinji duşuşygynda gol geçiren iň ýaş futbolçy boldy.

### Iň ýaşuly futbolçy hem-de 6 çempionatda oýnan ilkinji futbolçy

Beýleki duşuşykda Portugaliýanyň ýygyndysy Çehiýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda meýdança çykan 2 oýunçy – Pepe bilen super ýyldyz Kristiano Ronaldo taryhy rekordlary täzeledi. Pepe 41 ýaş 113 gün bilen çempionatyň taryhynda çykyş eden iň ýaşuly futbolçy boldy. Ozal bu rekordyň eýesi 40 ýaş 74 gün bilen wengriýaly derwezeçi Gabor Kiralidi. Şeýle-de, Ronaldo 6-njy gezek Ýewropa çempionatynda oýnan ilkinji oýunçy hökmünde taryha girdi. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýnuň 2-nji ýarymynda 62-nji minutda Prowod çehleri öňe saýlady. Ýöne bu goldan 7 minut soň Hranasyň öz derwezesinden geçiren goly bilen hasap deňlendi. Oýnuň 90-njy minutynda meýdança giren Franşisko Konseýsao 90+2-nji minutda tapawutlanyp, Portugaliýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

### Ýer eýeleri 1/8 finala çykan ilkinji ýygyndy boldy

2-nji aýlawyň ilkinji duşuşyklarynda «A» toparçada Germaniýanyň ýygyndysy Wengriýanyň ýygyndysyny Musiala hem-de Gündoganyň gollary esasynda 2–0 ýeňip, utugyny 6-a çykardy we 1/8 finala çykan ilkinji ýygyndy boldy. Şotlandiýa bilen Şweýsariýanyň arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady. Şotlandiýadan MakTomineýiň 13-nji minutda geçiren goluna 13 minutdan soň, ýagny 26-njy minutda Herdan Şakiri owadan gol bilen jogap berdi. Şakiri soňky 6 uly ýaryşda (Dünýä Kubogy, Ýewropa çempionaty) tapawutlanan ilkinji futbolçy boldy.

### Ilki öz derwezesinden, soňra garşydaş toparyň

«B» toparçada ilkinji gezek duşuşan Horwatiýa bilen Albaniýanyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Laçiniň 11-nji minutdaky goly bilen öňe saýlanan albanlar 74-nji minutda Kramariçiň goluny saklap bilmedi. 72-nji minutda meýdança giren albaniýaly Gýasula topy ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçirmeginden soň, horwatlar öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik Albaniýa hem-de Gýasula oýnuň ahyrynda hasaby deňlemegi başardy. Ol 90+5-nji minutda topy horwatlaryň derwezesinden geçirip, özüniň sebäp bolan ýeňlişinden toparyny halas etdi.

#### GERMANIÝA — ŞOTLANDIÝA

**EURO 2024 – 14.06.2024 – «A» toparça**
- **GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer — Kimmih, Rüdiger, Ta, Mittelştadt — Andrih (Gross 46), Kroos (Jan 80) — Musiala (Müller 74), Gündogan, Wirts (Sane 63) — Hawerts (Füllkrug 63); ***Tälimçi:*** Ýulian Nagelsmann
- **ŞOTLANDIÝA (3–4–2–1):** Gann — Hendri, Porteus, Tirni (MakKenna 78) — Ralston, MakGregor (Gilmur 67), MakTomineý, Robertson — MakGinn (MakLin 67), Adams (Hanli 46), Kristi (Şanklend 82); ***Tälimçi:*** Stiw Klark
- **GOL:** Wirts 10, Musiala 19, Hawerts 45+1, Füllkrug 68, Jan 90+3 – Rüdiger 87 ö.d.
- **SARY KART:** Andrih, Ta – Ralston
- **GYZYL KART:** Porteus 44 (Şotlandiýa)
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Jamal Musiala (Germaniýa)
- **EMIN:** Klemen Turpen (Fransiýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Allianz Arena», Münhen – 65 052

**5 - 1**

#### WENGRIÝA — ŞWEÝSARIÝA

**EURO 2024 – 15.06.2024 – «A» toparça**
- **WENGRIÝA (3–2–4–1):** Gulaçi — Lang (Bolla 46), Orban, Salai (Dardai 79) — Nad (Klýaýnhaýsler 67), Şafer — Fiola, Kerkez (Adam 79), R. Sallai, Soboslai (k) — Warga; ***Tälimçi:*** Marko Rossi
- **ŞWEÝSARIÝA (3–2–4–1):** Sommer — Şer, Akanži, Rodriges — Džaka (k), Froýler (Sierro 86) — Widmer (Stergiu 68), Ndoýe (Rider 86), Ebişer, Wargas (Embolo 74) — Dua (Amduni 68); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin
- **GOL:** Warga 66 — Dua 12, Ebişer 45, Embolo 90+3
- **SARY KART:** Salai, Bolla — Froýler, Widmer, Ýakin
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Granit Džaka (Şweýsariýa)
- **EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «RheinEnergieStadion», Köln — 41 676

**1 - 3**

#### ISPANIÝA — HORWATIÝA

**EURO 2024 – 15.06.2024 – «B» toparça**
- **ISPANIÝA (4–3–3):** Simon — Karwahal, Le Normand, Naço, Kukurelýa — Pedri (Olmo 59), Rodri (Zubimendi 86), Fabian Ruiz — Lamin Ýamal (Ferran Torres 86), Morata (k) (Oýarzabal 67), Niko Williams (Merin 67); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç — Stanişiç, Şutalo, Pongraçiç, Gwardiol — Modriç (k) (Paşaliç 65), Brozowiç, Kowaçiç (Suçiç 65) — Maýer, Kramariç (Petkowiç 72), Budimir (Perişiç 56); Tälimçi: Zlatko Daliç
- **GOL:** Morata 26, Fabian Ruiz 32, Karwahal 45+2
- **SARY KART:** Rodri
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Fabian Ruiz (Ispaniýa)
- **EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Olympiastadion», Berlin — 68 844

**3 - 0**




#### ITALIÝA — ALBANIÝA

**EURO 2024 – 15.06.2024 – «B» toparça**
- **ITALIÝA (4–2–3–1):** Donnarumma — Di Lorenzo, Bastoni, Kalafiori, Dimarko (Darmian 83) — Žoržinio, Barella (Folorunşo 90+2) — Frattesi, Pellegrini (Kristante 77), Kieza (Kambiaso 77) — Skamakka (Retegui 83); ***Tälimçi:*** Luçano Spalletti
- **ALBANIÝA (4–3–3):** Strakoşa — Hýusaý — Džimsiti (k), Aýeti, Mitaý — Asllani, Ramadani, Baýrami (Muçi 87) — Asani (Laçi 68), Broýa (Manaž 77), Seferi (Hoja 68); ***Tälimçi:*** Silwinio
- **GOL:** Bastoni 11, Barella 16 — Baýrami 1
- **SARY KART:** Kalafiori, Pellegrini — Broýa, Hoja
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Federiko Kieza (Italiýa)
- **EMIN:** Feliks Zwaýer (Germaniýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Westfalenstadion», Dortmund — 60 512

**2 - 1**

#### SLOWENIÝA — DANIÝA

**EURO 2024 – 16.06.2024 – «C» toparça**
- **SLOWENIÝA (4–4–2):** Oblak (k) — Karniçnik, Drkuşiç, Biýol, Ýanža — Stoýanowiç (Werbiç 67), Gnezda-Çerin, Elşnik (Gorens-Stankowiç 75), Mlakar (Selar 75) — Şporar (Brekalo 90+5), Şeşko (Kurtiç 90+5); ***Tälimçi:*** Matýaž KEK
- **DANIÝA (3–4–1–2):** Şmeýhel (k) — Kristensen, Andersen, Westergor — Ýulmann (Delani 89), Hýoýberg (Nýorgor 83), Kristiansen (Mele 78) — Eriksen — Wind (Poulsen 83), Hýoýlunn (Dolberg (83); ***Tälimçi:*** Kasper Ýulmann
- **GOL:** Ýanža 77 — Eriksen 17
- **SARY KART:** Stoýanowiç, Selar — Ýulmann
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kristian Eriksen (Daniýa)
- **EMIN:** Sandro Şarer (Şweýsariýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «MHPArena», Ştutgart — 54 000

**1 - 1**

#### SERBIÝA — ANGLIÝA

**EURO 2024 – 16.06.2024 – «C» toparça**
- **SERBIÝA (3–5–2):** Raýkowiç — Welkowiç, Milenkowiç, Pawlowiç — Gudel (Iliç 46), Milinkowiç-Sawiç, Lukiç (Tadiç 61), Žiwkowiç (Birmançewiç 74), Kostiç (Mladenowiç 43) — Wlahowiç, Mitrowiç (Ýowiç 61); ***Tälimçi:*** Dragon Stoýkowiç
- **ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Wolker, Stounz, Guehi, Trippier — Aleksander-Arnold (Gallaher 69), Raýs — Saka (Bowen 76), Bellingam (Maýnu 86), Foden — Keýn (k); ***Tälimçi:*** Garet Sautgeýt
- **GOL:** Bellingam 13
- **SARY KART:** Gudel, Tadiç, Stoýkowiç
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Jude Bellingam (Angliýa)
- **EMIN:** Daniele Orsato (Italiýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Arena AufSchalke», Gelzenkirhen — 48 953

**0 - 1**

#### POLŞA — NIDERLANDLAR

**EURO 2024 – 16.06.2024 – «D» toparça**
- **POLŞA (3–2–4–1):** Şensnyý — Bednarek, Salamon (Bereşinski 86), Kiwior — Zelinski (k), (Pýotrowski 78), Romançuk (Sliş 55) — Frankowski, Zalewski, Urbanski (Swiderski 55), Şimanski (Moder 46) — Buksa; ***Tälimçi:*** Mihal Probež
- **NIDERLANDLAR (4–3–3):** Werbrýuggen — Dumfris, De Wreý, Wan Deýk (k), Ake (Wan de Wen 87) — Shouten, Reýnders, Werman (Weýnaldum 62) — Simons (Malen 62), Depaý (Frimpong 81), Gakpo (Weghorst 81); ***Tälimçi:*** Ronald Kuman
- **GOL:** Buksa 16 — Gakpo 29, Weghorst 83
- **SARY KART:** Werman
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kodi Gakpo (Niderlandlar)
- **EMIN:** Artur Soareş Diaş (Portugaliýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Volksparkstadion», Hamburg — 48 117

**1 - 2**




#### AWSTRIÝA — FRANSIÝA

**EURO 2024 — 17.06.2024 — «D» toparça**
- **AWSTRIÝA (4–2–3–1):** Pents — Poş, Danso, Wöber (Wimmer 59), Mwene (Prass 88) — Seiwald, Sabitzer (k) — Laýmer (Şmid 90+1), Baumgartner, Grilliç (Trauner 59) — Gregoriç (Arnautowiç 59); ***Tälimçi:*** Ralf Rangnik
- **FRANSIÝA (4–3–3):** Menýan — Kunde, Upamekano, Saliba, Hernandes — Grizmann (Fofana 90), Kante, Rabio (Kamawinga 71) — Dembele (Kolo Muani 71), Mbappe (Žiru 90), Turam; ***Tälimçi:*** Didie Deşam
- **GOL:** Wöber 38 (ö.d.)
- **SARY KART:** Danso, Wöber, Mwene, Laýmer, Baumgartner — Dembele, Mbappe
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** N'Golo Kante (Fransiýa)
- **EMIN:** Hesus Hil Manzano (Ispaniýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Merkur Spiel-Arena», Düsseldorf — 46 425

**0 - 1**

#### RUMYNIÝA — UKRAINA

**EURO 2024 – 17.06.2024 — «E» toparça**
- **RUMYNIÝA (4–5–1):** Nise — Rasiu, Draguşin, Burke, Banki — Marius Marin (Draguş 75), Razwan Marin, Stançu (k) (Rakowisan 87), Man (Haji 62), Koman (Mihaile 62) — Draguş (Puşkaş 75); ***Tälimçi:*** Edward Iordanesku
- **UKRAINA (4–2–3–1):** Lunin — Konoplýa (Tymçuk 72), Zabarnyý, Matwienko, Zinçenko — Stepanenko (Bražko 62), Şaparenko (Ýarmolenko 62) — Sygankow (Ýaremçuk 62), Sudakow (Malinowski 83), Mudryk — Dowbyk; ***Tälimçi:*** Sergeý Rebrow
- **GOL:** Stançu 29, Razwan Marin 53, Draguş 57
- **SARY KART:** R. Marin — Konoplýa
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Nikolae Stançu (Rumyniýa)
- **EMIN:** Glenn Nýuberg (Şwesiýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Allianz Arena», Münhen — 61 591

**3 - 0**

#### BELGIÝA — SLOWAKIÝA

**EURO 2024 – 17.06.2024 – «E» toparça**
- **BELGIÝA (4–2–3–1):** Kastels — Kastanýe, Faes, Debast, Karrasko (Openda 84) — Mangala (Bakaýoko 57), Onana — Trossar (Tilemans 74), De Bruýne (k), Doku (Lukebakio 84) — Lukaku; ***Tälimçi:*** Domeniko Tedesko
- **SLOWAKIÝA (4–3–3):** Dubrawka — Pekarik, Wawro, Şkriniar (k), Hanko — Kuska, Lobotka, Duda (Obert 90+4) — Şrans (Duriş 81), Boženik (Suslow 70), Haraslin (Streles 70); ***Tälimçi:*** Françesko Kalzona
- **GOL:** Şrans 7
- **SARY KART:** Mangala, Tilemans, Openda — Şrans
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Stanislaw Lobotka (Slowakiýa)
- **EMIN:** Halil Umut Meler (Türkiýe)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Waldstadion», Frankfurt — 45 181

**0 - 1**

#### TÜRKIÝE — GRUZIÝA

**EURO 2024 – 18.06.2024 – «F» toparça**
- **TÜRKIÝE (4–2–3–1):** Günok — Müldür (Çelik 85), Akaýdyn, Bardakçy, Kadyoglu — Aýhan (Demiral 79), Çalhanoglu (Özjan 90+2) — Güler (Ýazyjy 79), Kökçü, Ýyldyz (Aktürkoglu 85) – B. Ýylmaz; ***Tälimçi:*** Winçenzo Montella
- **GRUZIÝA (4–3–3):** Mamardaşwili — Kwirkweliýa (Ziwziwadze 85), Kaşiýa (k), Dwali, Kakabadze — Sitaişwili (Loçoşwili 74), Koçoraşwili, Mekwabişwili (Altunaşwili 89) — Çakwetadze (Dawitaşwili 74), Mikautadze, Kwarasheliýa; ***Tälimçi:*** Willi Sanýol
- **GOL:** Müldür 25, Arda Güler 65, Aktürkoglu 90+7 — Mikautadze 32
- **SARY KART:** Bardakçy, Çalhanoglu — Kwirkweliýa
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Arda Güler (Türkiýe)
- **EMIN:** Fakuno Telýo (Argentina)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Westfalenstadion», Dortmund — 59 127

**3 - 1**




#### PORTUGALIÝA — ÇEHIÝA

**EURO 2024 — 18.06.2024 — «F» toparça**
- **PORTUGALIÝA (3–5–2):** Diogo Koşta — Dalot (Gonsalo Inasio 63), Pepe, Ruben Diaş — Žoao Kanselo (Fransişko Konseýsao 90), Witinýa (Pedro Neto 90), Bruno Fernandeş, Bernardo Silwa, Nuno Mendeş (Nelson Semedo 90) — Rafael Leao (Diego Žota), Kristiano Ronaldo (k); ***Talimçi:*** Roberto Martines
- **ÇEHIÝA (3–5–2):** Stanek — Holeş (Horyý 90+3), Hranas, Kreýçiý — Souçek (k), Soufal, Doudera, Şuls (Barak 79), Prowod (Şewçik 79) — Kuhta (Lingr 60), Şik (Hitil 60); ***Tälimçi:*** Iwan Haşek
- **GOL:** Hranas 69 ö.d., Konseýsao 90+2 — Prowod 62
- **SARY KART:** Leao, Konseýsao — Şik
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Witinýa (Portugaliýa)
- **EMIN:** Marko Guida (Italiýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «Red Bull Arena», Leipsig – 38 421

**2 - 1**

#### HORWATIÝA — ALBANIÝA

**EURO 2024 – 19.06.2024 – «B» toparça**
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç — Ýuranowiç, Şutalo, Gwardiol, Perişiç (Sosa 84) — Modriç (k), Brozowiç (Paşaliç 46), Kowaçiç — Maýer (Suçiç 46), Petkowiç (Budimir 69), Kramariç (Baturina 84); ***Tälimçi:*** Zlatko Daliç
- **ALBANIÝA (4-3-3):** Strakoşa — Hýusaý, Džimsiti (k), Aýeti, Mitaý — Asllani, Ramadani (Hoja 85), Laçi (Gýasula 72) — Asani (Seferi 64), Manaý (Daku 85), Baýrami; ***Tälimçi:*** Silwinio
- **GOL:** Kramariç 74, Gýasula 76 (ö.d.) – Laçi 11, Gýasula 90+5
- **SARY KART:** Hýusaý, Gýasula, Daku
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Andreý Kramariç (Horwatiýa)
- **EMIN:** Fransua Leteksie (Fransiýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** "Volksparkstadion", Hamburg — 46 784

**2 - 2**

#### GERMANIÝA — WENGRIÝA

**EURO 2024 – 19.06.2024 – «A» toparça**
- **GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer — Kimmih, Rüdiger, Ta, Mittelştadt — Andrih (Jan 72), Kroos — Musiala (Führih 72), Gündogan (k) (Undaw 84), Wirts (Sane 58) — Hawerts (Füllkrug 58); ***Tälimçi:*** Ýulian Nagelsmann
- **WENGRIÝA (3–4–3):** Gulaçi — Fiola, Orban, Dardai — Bolla (Adam 75), Adam Nad (Klýaýnhaýsler 64), Şafer, Kerkez (Žolt Nad 75); Sallai (Çobot 87), Soboslai (k), Warga (Gazdag 87); ***Tälimçi:*** Marko Rossi
- **GOL:** Musiala 22, Gündogan 67
- **SARY KART:** Rüdiger, Mittelştadt — Soboslai, Warga, Rossi
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ilkaý Gündogan (Germaniýa)
- **EMIN:** Danni Makkelie (Niderlandlar)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «MHPArena», Ştutgart – 54 000

**2 - 0**

#### ŞOTLANDIÝA — ŞWEÝSARIÝA

**EURO 2024 – 19.06.2024 – «A» toparça**
- **ŞOTLANDIÝA (5–4–1):** Gann — Ralston, Hendri, Hanli, Tirni (MakKenna 61), Robertson (k) — MakTomineý, Gilmur (MakLin 79), MakGregor, MakGinn (Kristi 90) — Adams (Şanklend 90); ***Tälimçi:*** Stiw Klark
- **ŞWEÝSARIÝA (3–4–3):** Sommer — Şer, Akanži, Rodriges — Widmer (Stergiu 86), Džaka (k), Froýler (Sierro 75), Ebişer — Ndoýe (Amduni 86), Şakiri (Embolo 60), Wargas (Rider 75); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin
- **GOL:** MakTomineý 13 — Şakiri 26
- **SARY KART:** MakTomineý, MakGinn, MakKenna — Rodriges, Sierro
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Manuel Akanži (Şweýsariýa)
- **EMIN:** Iwan Kružliak (Slowakiýa)
- **STADION (TOMAŞAÇY):** «RheinEnergieStadion», Köln – 42 711

**1 - 1**



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsümi

Klublaryň arasyndaky iň esasy bäsleşik hasaplanýan UEFA Çempionlar Ligasy täze möwsümde täze formatda geçiriler. Umumylykda 70-nji UEFA Çempionlar Ligasy adyny alanyndan bäri-de 33-nji gezek geçiriljek ýaryşyň taryhynda 3-nji gezek formaty üýtgär. Irki ýyllarda diňe her ýurduň çempionynyň gatnaşan bäsleşigi utulan-çykdy tapgyrlary esasynda guralýardy. 1992/93 möwsüminden başlabam ýaryş ilki toparçalaýyn, soňra utulan-çykdy tapgyrlar esasynda geçirilip gelýärdi. 1990-njy ýyllaryň ahyrlarynda




ýaryşa diňe çempion klublar däl, eýsem, çempionatda öňdäki 4 orny (ýurduna görä üýtgeýär) eýelänler hem goşulyp ugrady. Ine, indi bolsa utulan-çykdy hem-de toparçalaýyn formatlaryndan soň, täze formatda, ýagny liga formatynda geçiriler.

Täze möwsümde klublaryň, şol sanda geçiriljek duşuşyklaryň sany hem artdyrylar. Liga ýa-da ozalky formatda aýdylanda, toparçalaýyn tapgyra 32 däl-de, 36 klub gatnaşar. Şol 36 klubuň 29-sy gönümel, has takygy, saýlama duşuşyklaryny geçirmezden ýaryşa wekilçilik ederler. Olar klublaryň çempionatlardaky gazanan netijeleri esasynda ýurtlaryň reýtingine görä kesgitlenilýär. Häzirki wagtda ýaryşyň liga tapgyrynda çykyş etjek klublaryň 29-sy belli. Galan 7 orun üçin bolsa 52 klub 4 tapgyrly utulan-çykdy saýlama duşuşyklaryny geçirerler. Şol saýlama duşuşyklaryň 1–2-nji tapgyrynyň bijeleri çekildi. Ýaryşa jemi 53 ýurtdan 81 klub wekilçilik eder. Bilşiňiz ýaly, UEFA-nyň 55 agza ýurdy bolup, şolardan diňe Lihtenşteýnde milli çempionat geçirilmeýär. Ýurduň klublary Şweýsariýanyň çempionatlaryna wekilçilik edip, Lihtenşteýnde kubok bäsleşigi guralýar. Onuň ýeňijisi-de Konferensiýa Ligasyna gatnaşýar. Eýsem, liga tapgyryna ýollanma alan 29 klubuň arasynda haýsy toparlar bar.

**ÝARYŞYŇ TÄZE TOPARLARY**

● Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna Germaniýadyr Italiýadan 5 (hersinden 1 klub UEFA-nyň koeffisientlerine görä), Ispaniýadan, Angliýadan, Fransiýadan 4, Niderlandlardan 3 klub wekilçilik eder. Häzirki wagtda liga tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazanan 29 klubuň arasynda bu ýaryşa ilkinji gezek wekilçilik etjek 4 topar bar. Angliýadan «Aston Willa» bilen Italiýadan «Bolonýa» ýaryşyň ady UEFA Çempionlar Ligasy diýlip üýtgedilenden soň ilkinji gezek bu bäsleşikde çykyş ederler. Şol sanda Ispaniýadan «Žirona» hem-de Fransiýadan «Brest» toparlary-da diňe bir bu ýaryşa däl, eýsem, UEFA-nyň ýaryşlaryna-da ilkinji gezek gatnaşarlar.

**9 KLUB ILKINJI GEZEK ÇEMPIONLYK GAZANDY**

● Umumylykda, Ýewropada 2023/24 möwsüminde çempion bolan 55 klubuň 9-sy taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazandy. Şolaryň iň öňe saýlanýany, hemmäniň bilşi ýaly, «Bundesliganyň» çempiony «Baýer» toparydyr. Germaniýadan başga-da 8 ýurtda futbol janköýerleri 8 täze çempion bilen tanyş boldular. Polşanyň çempionaty «Ekstraklasa»-da hem täze çempion peýda boldy. Çempionatda bassyr 2-nji gezek täze çempion ýüze çykyp, geçen möwsümiň ýeňijisi «Rakuw Çenstohowa» toparyndan soň bu möwsümde Belostok şäheriniň «Ýagelloniýa» kluby özüniň 104 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek milli çempionatyň ýeňijisi bolmagy başardy. Galan ýurtlar yklymyň futboldaky kiçeňräk wekilleri bolup, Albaniýada «Egnatiýa», Garadagda «Deçiç», Moldowada «Petrokub», San Marinoda «Wirtus», Andorrada «UE Santa Koloma» klublary ilkinji çempionlyklaryny baýram etdiler. Çempionatlary ýaz-güýz aralygynda geçirilýän Litwada «Panawežis», Gazagystanda-da «Ordabasy» klublary ilkinji gezek atlaryny çempion toparlaryň hataryna ýazdyrdy.

**UEFA Çempionlar Ligasy 2024/25 möwsümine gatnaşýan klublar (saýlama tapgyrlaryndan başlap):**

**LIGA TAPGYRY**

● «Real Madrid» (UÇL-niň ýeňijisi, Ispaniýa), «Atalanta» (UÝL-niň ýeňijisi, Italiýa), «Mançester Siti», «Arsenal», «Liwerpul», «Aston Willa» (dördüsem – Angliýa), «Barselona», «Žirona», «Atletiko» (üçüsem – Ispaniýa), «Baýer», «Ştutgart», «Bawariýa», «RB Leipsig», «Borussiýa Dortmund» (bäşisem – Germaniýa), «Inter», «Milan», «Ýuwentus», «Bolonýa» (dördüsem – Italiýa), «Pari Sen-Žermen», «Monako», «Brest» (üçüsem – Fransiýa), «PSW Eýndhowen», «Feýenoord» (ikisem – Niderlandlar), «Sporting», «Benfika» (ikisem – Portugaliýa), «Klub Brýugge» (Belgiýa), «Seltik» (Şotlandiýa), «Şturm Gras» (Awstriýa), «Şahtýor Donesk» (Ukraina).

**Pleý-off tapgyry**

***Çempionlar:*** «Srwena Zwezda» (Serbiýa), «Galatasaraý» (Türkiýe), «Ýang Boýz» (Şweýsariýa), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa).

**3-nji saýlama tapgyry**

***Çempionatlarynda 2-3-4-nji orny eýelänler:*** «Lill» (Fransiýa), «Twente» (Niderlandlar), «Ýunion Sent-Žilluaz» (Belgiýa), «Reýnjers» (Şotlandiýa), «Red Bull Salsburg» (Awstriýa), «Slawiýa Praga» (Çehiýa).

**2-nji saýlama tapgyry**

***Çempionlar:*** «Sparta Praga» (Çehiýa), «Bude-Glimt» (Norwegiýa), «Midtýullan» (Daniýa), PAOK (Gresiýa), «Makkabi Tel Awiw» (Ysraýyl), APOEL (Kipr), «Malmö» (Şwesiýa), «Ýagelloniýa» (Polşa), «Ferenswaroş» (Wengriýa), «Garabag» (Azerbaýjan); ***Çempionatlarynda 2-nji orny eýelänler:*** «Partizan» (Serbiýa), «Fenerbahçe» (Türkiýe) , «Lugano» (Şweýsariýa), «Dinamo Kiýew» (Ukraina).

**1-nji saýlama tapgyry**



***Çempionlar:*** FKSB (ozalky «Stýaua», Rumyniýa), «Ludogores Razgrad» (Bolgariýa), «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa), «Ordabasy» (Gazagystan), «Sele» (Sloweniýa), «Petrokub» (Moldowa), «Ballkani» (Kosowo), RFS (Latwiýa), «Şamrok Rowers» (Irlandiýa), HJK (Finlýandiýa), «Panawežis» (Litwa), «Pýunik» (Ermenistan), «Dinamo Minsk» (Belarus), «Boras Banýa-Luka» (Bosniýa), «Differdanž 03» (Lýuksemburg), «KI Klakswik» (Farer adalary), «Larn» (D. Irlandiýa), «Hamrun Spartans» (Malta), «Dinamo Batumi» (Gruziýa), «Flora» (Estoniýa), «Wiking Reýkýawik» (Islandiýa), «Egnatiýa» (Albaniýa), «Nýu-Seýnts» (Uels), «Linkoln Red Imps» (Gibraltar), «Struga» (D. Makedoniýa), «UE Santa Koloma» (Andorra), «Deçiç» (Garadag), «Wirtus» (San Marino).

# 48-nji KOPA AMERIKA

Futbol boýunça milli ýygyndylaryň arasyndaky iň gadymy ýaryş hasaplanýan Kopa Amerika – Günorta Amerikanyň çempionaty ABŞ-da geçiriler. Soňky çempion Argentina bilen Kanadanyň arasyndaky duşuşyk 48-nji Kopa Amerika ýaryşynyň ilkinji oýny bolar. Çempionata 16 ýygyndy – Günorta Amerikanyň ähli topary (10) bilen bilelikde, Demirgazyk Amerikadan hem 6 ýygyndy wekilçilik



edýär. «A» toparçada soňky çempion Argentinanyň, Perunyň, Çiliniň, Kanadanyň, «B» toparçada Meksikanyň, Ekwadoryň, Wenesuelanyň, Ýamaýkanyň, «C» toparçada ýer eýeleri ABŞ-nyň, Urugwaýyň, Panamanyň, Boliwiýanyň, «D» toparçada-da Braziliýanyň, Kolumbiýanyň, Paragwaýyň hem-de Kosta Rikanyň ýygyndylary duşuşar. Toparçalardaky duşuşyklar Aşgabat wagty bilen 03:00-da, 05:00-da hem-de 06:00-da başlanar.




Her toparçada 1-2-nji orny eýelänler ýaryşy dowam eder. Çärýek finalyň oýunlary 5-6-7-nji iýulda, ýarym finalyň duşuşyklary 10-njy we 11-nji iýulda oýnalar. 3-nji ýer üçin duşuşyk 14-nji iýulda oýnalsa, final 15-nji iýulda geçirilip, 48-nji Kopa Amerikanyň çempiony belli bolar.

Soňky çempion Argentinanyň ýygyndysy çempionlygyň iň esasy dalaşgäri hasaplanyp, tälimçi Skalini düzüme Messi, Di Mariýa, Martines ýaly ýyldyzlary çagyrdy. 2-nji iň esasy dalaşgär Braziliýa hasaplanyp, olaryň düzüminde Winisius Junior, Rodrigo dagy bar.

**IŇ KÖP ARGENTINA BILEN URUGWAÝ ÇEMPION BOLDY**

● Ilkinji gezek 1916-njy ýylda geçirilen milli ýygyndylaryň arasyndaky iň gadymy futbol ýaryşy – Kopa Amerikada Urugwaýyň hem-de Argentinanyň ýygyndylary 15 çempionlyk bilen öňde barýarlar. Argentinler 14 gezek, Urugwaý 5 sapar finalda ýeňildi. Braziliýanyň ýygyndysy 9 gezek çempion bolup, olar 12 saparam kümüş medaly eýeledi. Paragwaýdyr Çiliniň, Perunyň 2, Boliwiýanyň hem-de Kolumbiýanyň 1 çempionlygy bar. Günorta Amerikanyň 10 ýygyndysyndan diňe Wenesuela hem-de Ekwadoryň ýygyndysyna çempionlyk gazanmak başartmady.

48-nji gezek geçirilýän ýaryşa Urugwaý 46-njy, Argentina 44-nji, Çili 41-nji, Paragwaý 39-njy, Braziliýa 38-nji sapar gatnaşýar.

Dürli ýyllarda, dürli formatlarda geçirilen bäsleşige 1990-njy ýyldan soň Aziýadyr Demirgazyk Amerikanyň ýygyndylary hem çagyrylyp başlandy. Myhman topar hökmünde gatnaşýan Meksikanyň ýygyndysy 1993-nji hem-de 2001-nji ýylda finala-da çykypdy. Meksika 11-nji, Kosta Rika 6-njy, ABŞ 5-nji gezek Kopa Amerikada çykyş eder. Aziýadan Ýaponiýa 2, Katar 1 gezek gatnaşypdy.

| GÜNI | WAGTY | DUŞUŞYKLAR | STADIONY | ŞÄHERI-ŞTATY |
|---|---|---|---|---|
| 21-nji iýun (anna) | 05:00 | Argentina — Kanada | «Mercedes-Benz Stadium» | Atlanta, Jorjia |
| 22-nji iýun (şenbe) | 05:00 | Peru — Çili | «AT&T Stadium» | Arlington, Tehas |
| 23-nji iýun (ýekşenbe) | 03:00 | Ekwador — Wenesuela | «Levi's Stadium» | Santa Klara, Kaliforniýa |
| 23-nji iýun (ýekşenbe) | 05:00 | Meksika — Ýamaýka | «NRG Stadium» | Hýuston, Tehas |
| 24-nji iýun (duşenbe) | 03:00 | ABŞ — Boliwiýa | «AT&T Stadium» | Arlington, Tehas |
| 24-nji iýun (duşenbe) | 06:00 | Urugwaý — Panama | «Hard Rock Stadium» | Maýami Gardens, Florida |
| 25-nji iýun (sişenbe) | 03:00 | Kolumbiýa — Paragwaý | «NRG Stadium» | Hýuston, Tehas |
| 25-nji iýun (sişenbe) | 06:00 | Braziliýa — Kosta Rika | «SoFi Stadium» | Inglwud, Kaliforniýa |
| 26-njy iýun (çarşenbe) | 03:00 | Peru — Kanada | «Children's Mercy Park» | Kanzas Siti, Kanzas |
| 26-njy iýun (çarşenbe) | 06:00 | Çili — Argentina | «MetLife Stadium» | Ist Ruderford, Nýu Jersi |
| 27-nji iýun (penşenbe) | 03:00 | Ekwador — Ýamaýka | «Allegiant Stadium» | Las Wegas, Newada |
| 27-nji iýun (penşenbe) | 06:00 | Wenesuela — Meksika | «SoFi Stadium» | Inglwud, Kaliforniýa |
| 28-nji iýun (anna) | 03:00 | Panama — ABŞ | «Mercedes-Benz Stadium» | Atlanta, Jorjia |
| 28-nji iýun (anna) | 06:00 | Urugwaý — Boliwiýa | «MetLife Stadium» | Ist Ruderford, Nýu Jersi |
| 29-njy iýun (şenbe) | 03:00 | Kolumbiýa — Kosta Rika | «State Farm Stadium» | Glendeýl, Arizona |
| 29-njy iýun (şenbe) | 06:00 | Paragwaý — Braziliýa | «Allegiant Stadium» | Las Wegas, Newada |
| 30-njy iýun (ýekşenbe) | 05:00 | Argentina — Peru | «Hard Rock Stadium» | Maýami Gardens, Florida |
| 30-njy iýun (ýekşenbe) | 05:00 | Kanada — Çili | «Inter&Co Stadium» | Orlando, Florida |
| 1-nji iýul (duşenbe) | 05:00 | Meksika — Ekwador | «State Farm Stadium» | Glendeýl, Arizona |
| 1-nji iýul (duşenbe) | 05:00 | Ýamaýka — Wenesuela | «Q2 Stadium» | Ostin, Tehas |
| 2-nji iýul (sişenbe) | 06:00 | ABŞ — Urugwaý | «Children's Mercy Park» | Kanzas Siti, Kanzas |
| 2-nji iýul (sişenbe) | 06:00 | Boliwiýa — Panama | «Inter&Co Stadium» | Orlando, Florida |
| 3-nji iýul (çarşenbe) | 06:00 | Braziliýa — Kolumbiýa | «Levi's Stadium» | Santa Klara, Kaliforniýa |
| 3-nji iýul (çarşenbe) | 06:00 | Kosta Rika — Paragwaý | «Q2 Stadium» | Ostin, Tehas |

# 16 ýyldan soň 18-nji çempionlyk

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da 2023/24 möwsüminiň çempiony belli boldy. Final tapgyrynyň 5-nji duşuşygynda çempion kesgitlenip, Boston şäherindäki «TD Garden Arena»-da oýnalan duşuşykda «Boston Seltiks» topary «Dallas Maweriks» toparyny 106:88 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Jeýson Tatum




31 utuk (11 asist, 8 ribaund), Jeýlen Brawn 21 utuk (6 asist, 8 ribaund) geçirdi. Netijede, umumy hasapda «Boston Seltiks» 4:1 öňe saýlanyp, NBA-nyň 78-nji möwsüminiň çempiony bolmagy başardy.

1–2-nji duşuşyklary öz meýdançasynda geçiren «Boston Seltiks» garşydaşyny şol oýunlarda 107:89 hem-de 105:98 hasaplar bilen ýeňipdi. 3-4-nji duşuşyklar «Dallas Maweriksiň» meýdançasynda Dallasda geçirildi. 3-nji duşuşykda-da «Boston Seltiks» 106:99 hasabynda üstün çykypdy. 4-nji duşuşykda «Dallas Maweriksiň» 122:84 hasap bilen ýeňiş gazanmagyndan soň, «Boston Seltiks» toparynyň çempionlygy indiki oýna galypdy. 5-nji oýunda-da ýeňiş gazanan «Boston Seltiks» taryhyndaky 18-nji NBA çempionlygyny baýram etdi. Olar mundan ozal 2008-nji ýylda çempion bolupdy. Ýagny Gündogar Konferensiýanyň wekili 16 ýyldan soň 18-nji çempionlygyny gazandy. Klub mundan öň 1957-nji, 1959-njy, 1960-njy, 1961-nji, 1962-nji, 1963-nji, 1964-nji, 1965-nji, 1966-njy, 1968-nji, 1969-njy, 1974-nji, 1976-njy, 1981-nji, 1984-nji, 1986-njy, 2008-nji ýyllarda çempion bolmagy başarypdy. 1946/47 möwsüminde esaslandyrylan NBA-da «Boston Seltiks» 1957-1969-njy ýyllar aralygynda 11 gezek çempion bolupdy. Şolaryň 8-sini yzly-yzyna gazanan «Boston Seltiks» bu ugurda rekordyň eýesidir. Şeýlelikde, 18-nji çempionlygyny gazanan «Boston Seltiks» NBA-nyň iň köp çempionlyk gazanan topary rekordynyň häzirlikçe ýeke-täk eýesi boldy. Ol 17 çempionlygy bolan köne bäsdeşi «Los Anjeles Leýkersden» öňe saýlanmagy başardy.

NBA-da iň köp çempionlyk gazanan 3-nji topar «Golden Steýt Warriors» bolup, san fransiskolylaryň 7 çempionlygy bar. «Çikago Bulls» 6, «San Antonio Spars» 5, «Filadelfiýa 76ers», «Detroit Pistons», «Maýami Hit» 3, «Nýu Ýork Niks»,



«Hýuston Rokets» hem-de «Milwaki Baks» 2 gezek çempion boldy. «Kliwlend Kawaliers», «Atlanta Hawks», «Waşington Wizards», «Oklahoma Siti Tander», «Portlend Treýl Bleýzers», 2-nji gezek finalda utulan «Dallas Maweriks», «Sakramento Kings», «Toronto Reptors» hem-de geçen möwsümiň ýeňijisi «Denwer Naggets» toparlarynyň, şol sanda häzirki wagtda hereketde bolmadyk «Baltimor Ballets» toparynyň 1 NBA çempionlygy bar. NBA-da häzirki wagtda çykyş edýän 30 klubuň 20-si azyndan 1 gezek çempionlyk gazandy.

Final duşuşyklarynyň iň ökde oýunçysy diýlip, çempion toparyň ýyldyzy Jeýlen Brawn saýlandy. Ol Bill Rassell adyndaky MVP baýragy bilen sylaglandy. Ol final oýunlaryny ortaça 20,8 utuk, 5,4 ribaund hem-de 5 asist görkezijiler bilen tamamlady.

NBA-da soňky 6 ýylda 6 dürli klub çempionlyk gazandy. «Golden Steýt Warriorsyň» 2017-nji we 2018-nji ýyllarda gazanan yzly-yzyna 2 çempionlygyndan soň hiç bir kluba yzly-yzyna çempionlyk gazanmak başardanok. Mundan öň ilkinji gezek 1975-1980-nji ýyllar aralygynda 6 dürli topar çempionlyk gazanypdy.

# «Milan», «Ýuwentus», «Lasio» toparlarynyň täze tälimçileri




«Serie A»-nyň wise-çempiony «Milan» topary-da täze tälimçisini mälim etdi. Ozaldan belli bolan portugaliýaly Paulo Fonseka «Milan» klubunyň täze tälimçisi wezipesine bellendi. Stefano Pioliniň ornuna bellenen 51 ýaşyndaky tälimçi milanlylar bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Fonseka «Milandan» ýyllyk 3,5 million ýewro hak alar. Ol 2022-nji ýyldan bäri «Lill» toparyna tälim berýärdi. «Lillden» öň «Roma», ondan öňem «Şahtýor Donesk» toparynyň tälimçisi bolan Fonseka ýurdy Portugaliýada «Pasuş Ferreira», «Porto», «Braga» we karýerasynyň ilkinji ýyllarynda başga-da 4–5 kluba tälim berdi. Fonseka «Porto» bilen Portugaliýanyň Super Kubogyny, «Braga» bilen Portugaliýanyň Kubogyny, «Şahtýor Donesk» bilenem 3 gezek Ukrainanyň çempionlygyny, şonça-da Ukrainanyň Kubogyny hem-de 1 gezek Ukrainanyň Super Kubogyny gazandy.

Italiýanyň «Ýuwentus» topary ozaldanam belli bolan täze tälimçisini resmi ýagdaýda mälim etdi. Turin şäheriniň wekili geçen möwsümde «Bolonýa» toparyna tälim beren Tiago Mottany tälimçilige belledi. «Serie A»-nyň başarnykly kluby 41 ýaşyndaky tälimçi bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Asly brazil bolan italiýaly tälimçi «Ýuwentusdan» ýyllyk 5 million ýewro hak alar. Ol «Bolonýada» 1,2 million ýewro alýardy. Motta geçen möwsümde «Bolonýany» çempionatda ilkinji 5-lige düşürip, klub 60 ýyldan soň UEFA-nyň iň uly ýaryşyna gatnaşmaga hukuk gazanypdy. Motta tälimçilige 2018-nji ýylda PSŽ-niň ýaşlar toparynda başlap, soňlugy bilen, 2019-njy ýylda «Jenoanyň», soňra «Spesiýanyň» hem-de «Bolonýanyň» tälimçisi bolupdy.

4 möwsümden bäri çempionlyk gazanyp bilmän gelýän «Ýuwentus» topary Italiýanyň Kubogy ýaryşynyň finalyndan soň tälimçisi Massimiliano Allegrini wezipesinden boşadypdy.

«Serie A»-da golaýda tälimçisiz galan «Lasio» topary hem täze türgenleşdirijisini mälim etdi. Rim şäheriniň wekili Marko Baronini toparyň tälimçisi wezipesine belledi. 60 ýaşyndaky italýan tälimçi rimliler bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol tamamlanan möwsümde «Werona» toparyna tälim beripdi. «Lasio» toparynda golaýda bellenenine 3 aý hem bolmadyk Igor Tudor wezipesini taşlapdy. «Werona» toparynda-da Barononiň deregine 41 ýaşyndaky Paolo Zanetti klubuň tälimçisi boldy. «Suditrol», «Askoli», «Wenesiýa», «Empoli» ýaly klublara tälim beren Zanetti weronalylar bilen 1+1 ýyllyk ylalaşyk gazandy.

Tälimçisi Raffaele Palladinony «Fiorentina» toparyna ugradan «Monza» toparynyň täze tälimçisi Alessandro Nesta boldy. 48 ýaşyndaky italiýaly hünärmen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Nesta tälimçilik karýerasyna «Maýami FK» toparynda başlap, ol «Peruja», «Frosinone», «Rejana» ýaly toparlaryň tälimçisi boldy.

Şeýle-de, italiýaly ozalky meşhur futbolçy, häzirki tälimçi Jennaro Gattuzo Horwatiýanyň «Haýduk Split» toparynyň tälimçiligine bellendi. 46 ýaşyndaky hünärmen horwat kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Futbolçylyk ýyllarynyň agramly bölegini «Milanda» geçiren Gattuzo soňky gezek «Marsel» toparyna tälim beripdi. Tälimçilige Şweýsariýanyň «Sion» toparynda başlan Gattuzo ýurdunyň «Palermo», Gresiýanyň OFI, şol sanda Italiýanyň «Piza», «Milan», «Napoli», Ispaniýanyň «Walensiýa» klublarynyň tälimçisi boldy.

Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» toparynda-da tälimçi Edin Terziç wezipesinden gitdi. 41 ýaşyndaky hünärmen 2022-nji ýyldan bäri dortmundlylara tälim berip gelýärdi. Ol «Bundesligada» hem-de UEFA Çempionlar Ligasynda kümüş medal gazandy. Toparyň täze tälimçisi türkiýeli Nuri Şahin boldy. 35 ýaşyndaky Şahin futbolçylyk karýerasy boýunça ençeme ýyllap «Borussiýa Dortmund» toparynda oýnapdy. Ol 2021-2023-nji ýyllar aralygynda Türkiýäniň «Antalýaspor» toparyna tälim beripdi. Geçen ýylyň dekabr aýyndan bäri bolsa Terziçiň kömekçisi bolup işläp gelýärdi.



# Çempionlyk ugrunda ýiti göreş

**Amerikanyň Milli hokkeý ligasynyň Stenli Kubogy ugrundaky final duşuşyklary ýokary depginde dowam edýär. «Florida Panters» bilen «Edmonton Oýlersiň» arasyndaky final duşuşyklarynyň 5-njisi geçirilip, çempionlyk indiki duşuşyga galdy. Ilkinji 3 duşuşykda ýeňiş gazanan «Florida Panters» topary ilkinji taryhy çempionlygyna bir ädim golaýlapdy. Ýöne 4–5-nji duşuşyklarda garaşylmadyk ýagdaýda ýeňlişe sezewar boldy.**

**1-2-nji duşuşyklar Floridada geçirilip, ýer eýeleri 3:0 hem-de 4:1 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. 3-nji duşuşyk Kanadada oýnalyp, bu oýunda-da «Florida Panters» 4:3 hasabynda garşydaşyndan üstün çykdy. Ýöne 4–5-nji oýunlar juda başgaça boldy. 4-nji duşuşyk Kanadada geçirilip, ýer eýeleri 8:1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda 1 gol geçirip, 2 asist eden Konnor MakDewid taryhy rekordy täzeledi. Ol pleý-off tapgyrynda bir möwsümde 32-nji asistini edip, bu ugurda NHL-iň rowaýaty ýyldyzy, kanadaly Weýn Gretskiniň 1988-nji ýyldaky rekordyny täzeledi.**

**Iki gün öň oýnalan 5-nji duşuşyk Floridada geçirilip, «Edmonton Oýlers» topary 5:3 hasabynda ýeňiş gazanyp, çempionlyk ýaryşynyň azyndan ýene bir oýun dowam etmegine sebäp boldy. Duşuşykda Konnor MakDewid ýene 1 gol geçirip, 2 goluň hem geçirilmegine ýardam berdi. Stenli Kubogy ugrundaky 6-njy duşuşyk 22-nji iýunda «Edmonton Oýlers» toparynyň meýdançasynda oýnalar. Duşuşykda ýer eýeleri ýeňiş gazansa, umumy hasap deňlener. «Florida Panters» ýeňiş gazansa, onda olar taryhyndaky ilkinji çempionlygyny baýram ederler.**